TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DÖWLET BAÝDAGY GARAŞSYZLYGYMYZYŇ WE BITARAPLYGYMYZYŇ, ŞÖHRATLY GEÇMIŞIMIZIŇ, BAGTYÝAR DÖWRÜMIZIŇ HEM-DE BEÝIK GELJEGIMIZIŇ BELENTLIGINI, ABRAÝ-MERTEBÄMIZIŇ SYNMAZLYGYNY ALAMATLANDYRÝAN GYMMATLYGYMYZDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
16-njy maý, 2025. Belgisi 20/1638



# TÜRKMENISTAN ÝANGYÇ-ENERGETIKA PUDAGYNDA HYZMATDAŞLYGY PUGTALANDYRÝAR

*14-nji maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Malaýziýanyň PETRONAS kompaniýasynyň ýolbaşçysy Tan Şri Tengku Muhammad Taufigi kabul etdi.*

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, amatly maýa goýum ýagdaýy we işewürlik üçin ähli şertler döredilen Türkmenistanda iş alyp barmagyň ýolbaşçylyk edýän kompaniýasy üçin uly hormatdygyny aýtdy. Şunda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösüşiň hil taýdan täze derejesine çykarylýandygy bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz myhmany mähirli mübärekläp, onuň ýurdumyza saparynyň dowamynda geçirjek duşuşyklarynyň ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine ynam bildirdi we olaryň üstünlikli geçmegini arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasyndaky gatnaşyklar özara hormat goýmak, deňhukuklylyk ýörelgeleri esasynda alnyp barylýar. Ýokary derejede yzygiderli guralýan saparlar gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz geçen ýylyň dekabrynda Malaýziýa amala aşyran resmi saparyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi we saparyň dowamynda PETRONAS kompaniýasynyň ýolbaşçysy bilen geçiren gepleşikleriniň netijeleriniň iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyga goşmaça itergi berjekdigine, ony hil taýdan täze derejä çykarmaga ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan Malaýziýa bilen ykdysadyýet, söwda, ulag, energetika, bilim, medeniýet ýaly ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Söwda-ykdysady ulgam türkmen-malaý gatnaşyklarynyň möhüm ugrudyr. Bu ulgamda Malaýziýanyň öňdebaryjy kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesi toplandy. Şunda Türkmenistan bilen Malaýziýanyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklary yzygiderli ösdürmekde PETRONAS kompaniýasynyň orny aýratyn bellenildi.

Söhbetdeşler ýangyç-energetika pudagyny iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezdiler. Döwlet Baştutanymyz kompaniýanyň 30 ýyla golaý wagtyň dowamynda Türkmenistanda uglewodorod serişdelerini çykarmak boýunça taslamalara işjeň gatnaşýandygyny, nebitgaz pudagy üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda degişli işleri alyp barýandygyny belläp, ýurdumyzyň hyzmatdaşlygy täze ugurlar boýunça ösdürmäge gönükdirilen anyk tekliplere seretmäge taýýardygyny tassyklady.

Kompaniýanyň ýolbaşçysy köpýyllyk gatnaşyklaryň dowamynda bildirilen ýokary ynam üçin hormatly Prezidentimize hoşallygyny beýan etdi hem-de bu düzümiň öz üstüne alan hyzmatdaşlyk borçnamalaryna mundan beýläk-de ygrarly boljakdygyna ynandyrdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz netijeli hyzmatdaşlygyň iki ýurduň dostlukly halklarynyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, PETRONAS kompaniýasynyň ýolbaşçysy Tan Şri Tengku Muhammad Taufige iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

* * *

Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Birleşen Arap Emirlikleriniň senagat we öňdebaryjy tehnologiýalar ministri, Abu-Dabiniň milli nebit kompaniýasynyň (ADNOC) Baş direktory Soltan Ahmed Al-Jaberi, BAE-niň energetika we infrastruktura ministri Suheýl Al Mazruini, Daşary işler ministrliginiň döwlet ministri Ahmed Al-Saýegi kabul etdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň arasyndaky dostlukly gatnaşyklar birek-birege hormat goýmak, deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýar. Bu gatnaşyklar strategik häsiýete eýe bolup, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda üstünlikli alnyp barylýar. Iki ýurduň arasyndaky syýasy-diplomatik hyzmatdaşlyk ýokary derejedäki saparlardyr gepleşikler arkaly has-da berkidilýär.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ýangyç-energetika pudagyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýändigini, bu ugurda BAE-niň öňdebaryjy kompaniýalary bilen birnäçe taslamalaryň durmuşa geçirilýändigini aýdyp, Türkmenistanyň ADNOC kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge taýýardygyny tassyklady. Şeýle hem soňky ýyllarda Birleşen Arap Emirlikleriniň maliýe we maýa goýum edaralarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda birnäçe taslamalaryň amala aşyrylýandygy bellenildi.

## Ýurdumyzyň Esasy Kanuny – ösüşleriň hukuk binýady

Berkarar döwletimiziň hukuk ulgamy halkyň ýaşaýyş-durmuşynyň, emläk howpsuzlygynyň we jemgyýetçilik durnuklylygynyň binýadydyr. Şonuň üçin hem ýurdumyzda kabul edilýän her bir kanun adamyň bähbitlerine gönükdirilýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda hukuk ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagy bu ugurdaky tagallalaryň aýdyň mysalydyr.



Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan ösýär, özgerýär we ynamly öňe barýar, täze taryhyna şöhratly sahypalary ýazýar. Onuň geljeginiň uludygyny tutuş dünýä görýär, ykrar edýär hem-de bu ösüşlere dostlarça, doganlarça guwanýar. Häzirki taryhy döwrüň ajaýyp üstünlikleri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň parasatly, öňdengörüjilikli syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Ýurdumyzda yglan edilen «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen çuň manyly şygarlar döwlet syýasatynyň manymazmunyny doly açýar. 2

## Bugdaýyň bol hasyly ýetişdirilýär



**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň azyk bolçulygy üpjün edilýär. Halkyň isleg bildirýän azyk önümlerini öndürmäge, dürli azyklyk önümleriniň öndürilişini artdyrmaga, bugdaýdan bol hasyl almaga döwlet derejesinde möhüm ähmiýet berilýär. Ýerden bol hasyl almagyň, ýeriň hasyllylygyny ýokarlandyrmagyň usullary ylmy tarapdan öwrenilip kämilleşdirilýär. Ýurdumyzyň howa-toprak şertlerine görä, bugdaýdan bol hasyl almakda onuň seleksiýa işleri ekerançy alymlarymyz tarapyndan çuňňur öwrenilip, bu ugurdan ylmy işler netijeli häsiýete eýe bolýar. Şeýlelikde, bugdaý dänesiniň sortlary köpeldilýär. Bu bolsa ak bugdaýyň bol hasylyny kemala getirmäge giň mümkinçilik döredýär.**

**Ak bugdaýyň Watany bolan eziz Diýarymyzda, türkmen topragynda gadymy wagtlardan bäri bugdaýyň iňňän tagamly, bol hasyly ösdürilip ýetişdirilipdir.** 2

## Halkara duşuşyk geçirildi

*14-nji maýda paýtagtymyzda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň ýolbaşçylarynyň, nebitgaz pudagynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda Birleşen Arap Emirlikleriniň bu ugra degişli pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de Malaýziýanyň PETRONAS kompaniýasynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri bilen halkara derejeli duşuşyk boldy. Duşuşyga türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagy onuň ähmiýetini has-da artdyrdy.*

Duşuşykda Türkmenistanyň nebitgaz pudagynda halkara hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýändigi bellenildi. Şunda bu ugur boýunça dünýäniň iri kompaniýalary we işewür düzümler bilen ynanyşmak, birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik esasynda gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi pudagyň işiniň ilerledilmegi bilen bir hatarda, onuň önümçilik düzümlerine häzirki zamanyň ösen tejribesiniň ornaşdyrylmagynda-da aýratyn ähmiýete eýedir.



Nygtalyşy ýaly, soňky ýyllarda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň düzümlerine ösen tehnologiýalar, täzeçil usullar, öňdebaryjy dünýä tejribesi işjeň ornaşdyrylýar. Şunda halkara derejede gatnaşyklaryň ösdürilmegine we özara tejribe alyşmaga uly ähmiýet berilýär. Bu bolsa degişli düzümlerde alnyp barylýan işleriň netijeli häsiýete eýe bolmagyna, häzirki zamanyň sanly tehnologiýalarynyň netijeli özleşdirilmegine giň ýol açýar. Işjeň ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmek üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Halkara duşuşygyň netijeleri boýunça «Türkmennebit» döwlet konserni bilen Malaýziýanyň «PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasynyň hem-de BAE-niň «ADNOC Türkmenistan RSC Limited» kompaniýasynyň arasynda Şertnama, şeýle-de «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Malaýziýanyň «PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasynyň we BAE-niň «ADNOC Türkmenistan RSC Limited» kompaniýasynyň arasynda Şertnama gol çekildi.

## Howanyň üýtgemegi boýunça Merkezi Aziýa maslahaty

*13-14-nji maýda paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň Merkezi Aziýanyň Sebitleýin ekologiýa merkezi bilen bilelikde guramagynda howanyň üýtgemegi boýunça Merkezi Aziýa maslahaty geçirildi. Bu çäre dialog üçin möhüm meýdança bolup, howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin Merkezi Aziýa sebitinden alymlary, bilermenleri we hünärmenleri, BMG-niň, onuň ýöriteleşdirilen düzümleriniň agzalaryny bir ýere jemledi.*

Çäräniň açylyş dabarasynda çykyş edenler howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri çözmekde toplumlaýyn çemeleşmäniň möhümdigine ünsi çekdiler. Nygtalyşy ýaly, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek durnukly ösüş meseleleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Howanyň üýtgemegi babatda ileri tutulýan ugurlary milli ösüş meýilnamalaryna, oba we suw hojalygynda, energetika pudagynda alnyp barylýan strategiýalara ornaşdyrmak üstünligiň wajyp şertidir. «Howanyň üýtgemegi boýunça sebitleýin we milli syýasat: ýetilen sepgitler we öňde duran wezipeler» atly umumy mejlisde Merkezi Aziýanyň Sebitleýin ekologiýa merkeziniň howanyň üýtgemegi boýunça sebitleýin bilermeni W.Grebnew bu möhüm strategik ugurda dürli pikir-garaýyşly gyzyklanma bildirýän taraplaryň arasyndaky gatnaşyklaryň uzak möhletleýin, netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň esasy şerti bolup durýandygyny belledi.

Maslahat öz işini «Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly çäreleri maliýeleşdirmek: sebitleýin we milli çemeleşmeler», «Howanyň üýtgemegi boýunça ileri tutulýan ugurlar we hyzmatdaşlyk»



atly bölümçelerde dowam etdi. Olara gatnaşanlar howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri maliýeleşdirmek, howanyň üýtgemegi babatda Merkezi Aziýada ýüze çykýan töwekgelçilikleri dolandyrmak, Ýewropa Bileleşiginiň bu ugurdaky tagallalary we başlangyçlary, gidrologik heläkçilikleriň öňüni almak üçin serhetüsti duýduryş ulgamy bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. 2

## «Arkadag» topary AFK-nyň Çagyryş Ligasynyň çempiony



AFK-nyň Çagyryş Ligasynda çempion belli boldy. Ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary çempionlyk gazanyp, taryhy başarnyk görkezdi. «Arkadag» topary finalda Kambojanyň «Preah Han Riç Swaý Rieng» toparyny goşmaça wagtda ýeňmegi başardy.

Kambojanyň paýtagty Pnompendäki «Morodok Techo» milli stadionyndaky duşuşyga Koreýa Respublikasyndan Kim Hi Gon eminlik etdi. Duşuşyga tomaşa etmek üçin stadiona 51 müň 610 janköýer ýygnandy. Çekeleşikli geçen oýnuň 1-nji ýarymynda howply pursatlar bolsada, toparlara hasaby açmak başartmady.

2-nji ýarymyň başlarynda, has takygy, duşuşygyň 59-njy minutynda burçdan ýerine ýetirilen urguda topy kellesi bilen derweze gönükdiren ildeşimiz Mekan Saparow hasaby açdy. Bu gola ýer eýeleri ýene burçdan ýerine ýetirilen urgynyň netijesinde jogap berdi. 5

### Gurluşygyna badalga berildi



**Hytaýyň Týanszin şäherindäki 597 metrlik «Goldin Finans 117» binasynyň gurluşygyna 10 ýyllyk arakesmeden soň gaýtadan başlandy. Binanyň gurluşygyny 2027-nji ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär.** 3

### Dünýäniň iň yssy ýurdy



**Afrikanyň günbatarynda ýerleşýän Mali Respublikasy howanyň gyzgynlyk derejesi boýunça öňdäki orny eýeleýär. Ýylyň dowamynda bu ýurtda howanyň ortaça temperaturasy 28,3 derejede saklanýar.** 3

### Ýewropa Ligasynda iňlis finaly




**UEFA Ýewropa Ligasynda finala çykan toparlar belli bolup, UEFA-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşynda iki iňlis kluby çempionlyk duşuşygyna çykar.** 5

# Howanyň üýtgemegi boýunça Merkezi Aziýa maslahaty

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Çykyşlarda nygtalyşy ýaly, Türkmenistanda tokaý giňişliklerini döretmek, ýerleriň suwarylyşy, Araly halas etmek, çölleşmä garşy göreşmek ýaly ekologik meseleler döwlet derejesinde üstünlikli çözülýär, her ýylky ekilýän millionlarça nahalyň hasabyna ýurdumyzda ýaşyl zolaklaryň gerimi giňeýär. Türkmenistanyň Ählumumy metan borçnamasyna goşulmagy döwletimiziň häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň çözgüdini tapmaga jogapkärçilikli çemeleşýändiginiň aýdyň güwäsidir. Çykyş edenler howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça amala aşyrylýan çäreleri maliýeleşdirmegiň ähmiýeti barada aýtmak bilen, «ýaşyl» maýa goýumy çekmekde tagallalary birleşdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdiler. Maliýeleşdirmegiň umumy gurallaryny kemala getirmek babatda sebit derejesinde degişli işler alnyp barylýar. Bilelikdäki gaznalary döretmegiň mümkinçilikleri, howanyň üýtgemegi bilen bagly meselelere halkara derejede maliýe serişdelerini çekmek, hususy maýa goýumlary serhetüsti «ýaşyl» taslamalara goýmaga höweslendirmek başlangyçlary ara alnyp maslahatlaşylan meseleleriň hatarynda boldy.



Forumyň çäklerinde «Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly maliýeleşdiriş boýunça strategiýalary işläp taýýarlamak üçin innowasion gurallar», «Ýaşyl» köpri başlangyjy: Pariž ylalaşygy boýunça milli derejede kesgitlenen goşantlaryň ýerine ýetirilişini tizleşdirmek we güýçlendirmek üçin innowasion tehnologiýalar», «Merkezi Aziýada jemgyýetçilik birleşikleriniň we ýaşlaryň howanyň üýtgemegi babatda hereketleri», «Bütindünýä bankynyň Merkezi Aziýada möhüm landşaftlary dikeltmek boýunça maksatnamasynyň sebitleýin utgaşdyryjy maslahaty» ýaly ugurdaş bölümçelerde mejlisler geçirildi. Olarda ekologik abadançylygy üpjün etmegiň, tutuş adamzat üçin wajyp bolan howanyň üýtgemegi ýaly meseläni çözmek boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň, bilelikdäki çäreleri işläp taýýarlamagyň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Mejlislere gatnaşyjylar daşky gurşawy goramak, durnukly ösüş, bilelikde suw serişdelerini dolandyrmak, ählumumy howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak ýaly ugurlarda sebit we halkara derejede hyzmatdaşlyk etmegiň mümkinçilikleri barada pikir alyşdylar. Durmuş-ykdysady döwlet maksatnamalary bilen ýakyn arabaglanyşygy bolan tebigaty goramaga degişli milli strategiýalara syn berildi. Bellenilişi ýaly, Merkezi Aziýa üçin howanyň üýtgemegi bilen bagly taslamalary maliýeleşdirmekde täzeçil çemeleşmeler zerurdyr. Olaryň ornaşdyrylmagy goşmaça maýa serişdelerini çekmäge mümkinçilik berer we sebitiň durnukly ösüşini çaltlandyrar. Şeýle-de suw ýetmezçiligi, topragyň ýaramazlaşmagy, howa hadysalarynyň köpelmegi ýaly sebitde ýüze çykýan möhüm meselelere üns çekildi.

Howanyň üýtgemeginiň hem-de durnukly ösüşiň özara baglanyşygy ara alnyp maslahatlaşylan wajyp meseleleriň biri boldy. Şunda durmuş-ykdysady meýilnamalaşdyrmagyň ähli ulgamlaryna howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleriň girizilmeginiň zerurdygy nygtaldy. Maslahata gatnaşyjylar sebitde durnukly ösüşi üpjün etmek üçin howanyň üýtgemegi babatda töwekgelçilikleri hasaba almagyň we ekologiýa taýdan arassa ösüş nusgalaryna geçmegiň möhümdigini tassykladylar.

Maslahat soňky gününde «Merkezi Aziýada landşaftlaryň serhetüsti dikeldilişi», «Howanyň üýtgemegi boýunça sebitleýin gün tertibini ilerletmek we Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 30-njy maslahatyna taýýarlyk» ýaly bölümçelerde öz işini dowam etdi.

# Baýdak – başymyzyň täji

Bagtyýar türkmen halky Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň gününi şatlyk-şowhun bilen belläp geçýär. Bu goşa sene halkymyzyň durmuşynda aýratyn uly ähmiýete eýedir.

Baýdak döwletiň nyşany, halkyň gadymy däpleriniň, adatlarynyň görkezijisi hasaplanýar. Türkmenistanyň Döwlet baýdagynda türkmen halkynyň mukaddes ýörelgeleri jemlenendir.

2008-nji ýylyň 29-njy iýunynda paýtagtymyzda dünýäde iň belent flakştok oturdyldy we ol 133 metr belentligi bilen Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Bu flakştokdaky baýdagymyzyň ini 35, boýy 52,5 metr, agramy bolsa 420 kilograma barabardyr. Ýaşyl Tugumyzyň şeýle belentlige galdyrylmagynyň özboluşly manysy bar. Döwlet baýdagymyzyň iň belent flagştogda pasyrdamagy halkymyzyň buýsanjyny artdyrýar.



Ýaşyl Tugumyzdaky Aýyň şekili mukaddes Garaşsyzlygymyzyň, ýurdumyzdaky abadançylygyň, asudalygyň nyşanydyr. Baýdagymyzdaky bäş ýyldyz bäş welaýatymyzyň, arassa, parahat, asuda asmanymyzyň nyşanlarydyr. Döwlet baýdagymyzdaky haly gölleri halkymyzyň milliligini, ajaýyp sungatyny, ynsanperwer ýörelgelerini aňladýar. Baýdagymyzdaky zeýtun ýapraklary bolsa Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygyny, dünýäde parahatçylyk ugrunda çykyş edýän döwletdigini aňladýar.

Döwlet Baýdagymyz Watanyň ähli gymmatlyklaryny özünde jemleýär. Bu günki gün ýaşyl Tugumyzyň dünýäniň ähli künjeginde, Birleşen Milletler Guramasynyň belent binasynyň öňünde pasyrdap durmagy her bir türkmende buýsanç duýgusyny döredýär. Al-asmanda pasyrdaýan Baýdagymyza buýsançly bakyp, onda halkymyzyň şöhratly geçmişini, häzirki bagtyýarlyk zamanyny, aýdyň geljegini görýäris.

Başymyzyň täjine deňeýän ata Watanymyzyň mukaddes Tugunyň bu günki gün asuda asmanymyzda bagtyýarlygyň nyşany bolup parlaýandygy, ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjiliginiň hem-de berkararlygynyň kepili bolup durýandygy buýsanç bilen bellärliklidir. Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň Döwlet baýdagy mizemez agzybirligimizi, bitewüligimizi, beýik ynsanperwerlik gymmatlyklaryna, parahatçylyk hem-de döredijilik ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygymyzy alamatlandyrýar. Parahatçylyk, ynsanperwerlik, adalatlylyk baradaky milli düşünjelerimizi özünde jemleýän Konstitusiýamyz, dostlugymyzyň we hoşniýetliligimiziň nyşany hökmünde Ýer ýüzünde buýsançly pasyrdaýan Döwlet baýdagymyz biziň milli guwanjymyzdyr.

«Türkmenistanyň Döwlet baýdagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda: «Türkmenistanyň Döwlet baýdagy Türkmenistanyň halkynyň agzybirliginiň we Garaşsyzlygynyň hem-de döwlet Bitaraplygynyň nyşanydyr» diýlip bellenilmegi ýaşyl Tugumyzyň ýurdumyzyň buýsançly nyşanydygyny görkezýär. Asuda döwletimiziň ähli künjeklerinde goşa baýram toý-dabaralara beslenip, ruhubelentlikde bellenip geçilýär.

Goşa mukaddesligimiziň şanyna toýlaryň uludan tutulmagy watansöýüjiligimiz bilen berk baglydyr. Döwlet baýdagymyzyň we Esasy Kanunymyzyň şanyna tutuljak toýlara biz – bagtyýar ýaşlar egsilmez şatlyk we hyjuw bilen gatnaşýarys. Halkymyzy bagtyýarlyga ýetiren Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna ýürekden çykýan alkyşlarymyzy aýdýarys.

**Merjen AŞYRMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Aşgabat – bagtyň şäheri

Her ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň güni uly dabara bilen bellenilip geçilýär. Bu günki gün ak mermere beslenen paýtagtymyzy görmäge göz, taryp etmäge söz gerek.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ak mermerli paýtagty bolan Aşgabat Merkezi Aziýanyň merjen şäheri diýlip ykrar edilendir we şol bir wagtyň özünde ýurduň iri administratiw-syýasy, ulag, söwda we ylmy-medeni merkezi bolup durýandyr.

2013-nji ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat ak mermerli binalaryň has köp jemlenen şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi we degişli şahadatnama gowşuryldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, 2013-nji ýyldan başlap 25-nji maý Aşgabat şäheriniň güni hökmünde bellenilip başlandy. Paýtagtyň baş wezipesi dünýä türkmenleri üçin baş şäher bolmak bilen, olaryň jebislik mesgenine we milli döwletliligiň mizemez binýadyna öwrülmekden ybaratdyr.

2020-nji ýylyň 1-nji maýynda Aşgabat şäheri Syýahatçylyk şäherleriniň Bütindünýä Federasiýasynyň (SŞBF) agzalygyna kabul edildi. Bu abraýly halkara guramadaky agzalyk şähere dürli syýahatçylyk ugurlarynyň ösdürilmegi we ýaýbaňlandyrylmagy, şonuň ýaly-da şäheriň syýahatçylyk imijiniň işlenilip düzülmeginde täze mümkinçilikleri açýar.

Şäherde mekdepleriň we mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň, sport hem-de durmuş ähmiýetli beýleki desgalaryň gurluşygy işjeň dowam edýär. Paýtagtyň häzirki zaman keşbiniň kemala getirilmeginde ýerleriň abadançylygyna we bag ekilişine aýratyn üns berilýär.

Aşgabat şäheriniň ulag ulgamy awtomobil, demir ýol we howa ulag görnüşlerinden ybaratdyr. Paýtagtda halkara howa menzili hereket edýär. Aşgabat Türkmenistanyň iri aragatnaşyk ulgamy bolup, şäheri bu ýerde tele we radiokommunikasiýalarynyň, sanly hemra aragatnaşygynyň ösen tory döredilendir. Türkmenistanyň paýtagty iri söwda merkezi bolup durýandyr. Ýurduň umumy söwda dolanyşygynda Aşgabat öňdebaryjy orny eýeleýär.

Aşgabat şäheri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallasy we öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde düýpli özgerişlere eýe boldy.

Umuman, Aşgabat şäheri Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň iri syýasy-dolandyryş, söwda, medeni we ylmy merkezi bolup durýar. Paýtagtymyzy abadanlaşdyrmak we onuň hukuk binýadyny berkitmek ugrunda amala aşyrylýan çäreler, halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagy, yhlasly hem döredijilikli zähmet çekmegi, medeniýetli dynç almagy üçin ähli mümkinçilikleriň döredilýändigini tassyklaýar.



Aziýanyň merjeni bolan Aşgabat bu gün dünýäniň üns merkezinde. Günsaýyn özgerýän, gözelleşýän paýtagtymyz ak mermere beslenen beýik ymaratlary, kaşaň jaýlary, giň we owadan köçeleri, seýilgähleri bilen görenleri haýran galdyrýar. Ak şäherimiz Aşgabat parahatçylygyň, dost-doganlygyň, ynsanperwerligiň, hoşniýetliligiň we ynanyşmagyň mekanyna öwrüldi.

**Döwlet ORAZMUHAMMEDOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Ýurdumyzyň Esasy Kanuny – ösüşleriň hukuk binýady

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Gazanylýan uly üstünlikler saýlap alan ösüş ýolumyzyň dogrudygyny tassyklaýar. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň hem-de Döwlet baýdagynyň baýramy halkymyz üçin aýratyn ähmiýete eýe bolan baýramdyr. Ýurduň Konstitusiýasy döwletiň Esasy Kanunydyr. Konstitusiýada döwletiň hukuk ýagdaýynyň kesgitlemesi we ösüşiniň esasy ugurlary beýan edilýär. Şeýle hem raýatlaryň saglyga, zähmete, bilime, ylma, saýlamaga we saýlanmaga bolan hukuklary kepillendirilýär.



Türkmenistanyň Konstitusiýasy kanunyň rüstemligini ykrar etmek bilen, hemmeleriň kanunyň öňünde deňdigini, jemgyýetiň gymmatly hazynasynyň adamdygyny, raýatyň abraýyny, mertebesini we azatlygyny döwletiň goraýandygyny beýan edýär. Şeýle hem onda her bir raýatyň kanunlardan gelip çykýan borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdigi görkezilýär.

Konstitusiýa jemgyýetiň syýasy-hukuk ulgamynyň düzgünleşdirilişiniň wajyp ugrudyr. Onda jemgyýetiň syýasy, ykdysady, durmuş gurluşynyň we beýleki ugurlarynyň hukuk esasy berkidilýär.

«Constitution» sözi latyn sözi bolup, «gurmak, dikeltmek, döretmek» manysyny aňladýar. Ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň hukuk tebigatynyň birnäçe aýratynlyklary bardyr. Olardan döwletiň esasy kanunydygy, berkidilen kadalaryň we düzgünleriň göni hereketiniň bardygy, Konstitusiýa garşy gelýän kanunlaryň we gaýry hukuk namalaryň ýuridik güýjüniň ýokdugyny, kesgitsiz möhlete ulanmaga niýetlenendigi ýaly tapawutlandyryjy aýratynlyklary görkezmek bolar.

Türkmenistan Watanymyz parahatsöýüjilik, adalatlylyk, ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty alyp barýar. Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny saklamak bilen Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen ysnyşykly we dostlukly gatnaşyklary gün-günden çuňlaşdyrýar.

Konstitusiýa döwletimiziň Esasy Kanunydyr. Konstitusiýada esasy ugurlaryň biri raýatlaryň saglygy, ylma-bilime, zähmete bolan hukuklarynyň goralmagydyr. Onda adamlaryň hukuklary, azatlyklary we borçlary kesgitlenilýär.

Ýurdumyzda ilatyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak maksady bilen täze kanunlar, maksatnamalar, hukuk namalary işlenilip taýýarlanylýar. Konstitusiýa berk düzgünnamany saklamak bilen, döredijilik taýdan ösdürilýän resminama hem bolup durýar, ýurtda bolup geçýän özgertmeleri, yzygiderli döwlet gurluşyny, ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna geçmegiň ugurlaryny kämilleşdirmek we döwletiň durmuş taýdan nazarlaýan resminamasy hökmünde Türkmenistanyň emele gelmegini nazara almak bilen, onuň üsti ýetirilip durulýar.

**Mahym MAHTYMOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Bugdaýyň bol hasyly ýetişdirilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Üstünden agyr kerwenler dünýäniň çar künjüne ýol salan türkmen topragynda ýetişdirilen bugdaýyň at-owazasy äleme ýaýrapdyr. Orta asyr jahankeşdeleriniň belleýşi ýaly, türkmen topragynda öndürilen bugdaý Gürgeniň üsti bilen arap ýurtlaryna, ondan hem Wizantiýa çenli baryp ýetipdir.

Ýylyň-ýylyna bereketli toprakdan bol hasyl almagyň hötdesinden gelýän daýhanlarymyzyň armazakly işleri netijesinde şu ýyl bugdaý hasylynyň bol hasyly ösdürilip ýetişdirildi. Eziz Diýarymyzda bugdaý gadymy döwürlerden bäri ekilip gelinýär. Şonuň üçin hem gallaçylyk, galla ekini babadaýhanlarymyzdan gelýän asylly ýörelgedir.



Ýakynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiziň Karary bilen ösdürilip ýetişdirilen bugdaý hasylyny çalt we ýitgisiz ýygnamak, ammarlara, elewatorlara bökdençsiz daşamak hem-de däne öndürijiler bilen hasaplaşyklaryň wagtynda, ýokary derejede guralmagyny üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanda 2025-nji ýylda galla oragyny guramaçylykly geçirmek boýunça döwlet topary döredildi we onuň düzümi tassyklandy. «Türkmenobahyzmat» döwlet birleşigine bolsa, ýerlerde däne kombaýnlaryna tehniki hyzmat etmek işlerini talabalaýyk guramak arkaly orak möwsüminde olaryň öndürijilikli we bökdençsiz işledilmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde oba hojalyk pudagyny ösdürmek boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Oba hojalyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady berkidilýär. Ýokary tehnologiýaly tehnikalaryň dürli görnüşleri satyn alynýar. Däne ýygnaýan döwrebap kombaýnlar işledilýär. Oba hojalyk hünärmenleriniň tassyklamalaryna görä, birnäçe ýyldan soňra ekerançylykda ekin we tohum çalşygyny geçirmek möhüm bolup durýar. Hut şu maksat bilen Russiýa Federasiýasyndan bugdaýyň «Alekseýiç» hem-de «Bezostyý-100» sortlary getirilip, synag üçin ekildi. «Alekseýiç» hem-de «Bezostyý-100» ýaly görnüşleri bilen birlikde türkmen alymlary tarapyndan döredilen «Berkarar», «Garaşsyzlyk», «Bagtyýarlyk», «Sähraýy», «Bitaraplyk» ýaly sortlary hem ekilýär. Oba hojalygyny depginli ösdürmek ýurdumyzyň içeri syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şol syýasat döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Bu ulgamda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek we dürli oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmagyň hasabyna, obasenagat toplumynyň eksport kuwwatyny ýokarlandyrmak babatda wezipeleri çözmäge ýardam bermäge gönükdirilen giň gerimli özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar.

**Çynar MELÄÝEWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.*

# Çagalar kitaphanasy üçin täze bina

Ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary hem-de hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýaş nesil hakdaky alada yzygiderli kämilleşýär. Çagalaryň berk bedenli, sagdyn düşünjeli, giň dünýägaraýyşly bolup ýetişmegi üçin döwlet tarapyndan ähli mümkinçilikler döredilýär. Döwlet tarapyndan çagalaryň durmuş taýdan goraglylygy üpjün edilýär, saglygyny dikeltmekleri ýaly işlere aýratyn ähmiýet berilýär. Şunda Arkadag şäherinde ýerleşýän Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň alyp barýan nusgalyk işlerini bellemek gerek.



«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» we beýleki milli maksatnamalarda, konsepsiýalarda, strategiýalarda göz öňünde tutulan wezipelere laýyklykda, Diýarymyzyň ähli şäherlerinde we obalarynda häzirki zaman bilim edaralary gurulýar, maksatnamalar, okuw kitaplary we gollanmalar kämilleşdirilýär, bilim bermegiň täze usullary özleşdirilýär.

Şu nukdaýnazardan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tabşyryklary esasynda Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň täze binasyny gurmak meýilleşdirilip, Aşgabatda gurulýan «Güneşli» Çagalar we ýetginjekler merkeziniň çäginde gurmak maksadalaýyk hasaplandy.

Bu baýry medeniýet ojagy çagalar edebiýatynyň milli gaznasy bolmak bilen, eziz Diýarymyzdaky çagalar kitaphanalary we mekdep kitaphanalary üçin usulyýet merkezi bolup hyzmat edýär. Kitaphanada kataloglar ulgamy döredilýär, ýaş okyjylaryň okaýşyna ýolbaşçylyk etmegi gowulandyrmak maksady bilen köp çäreler amala aşyrylýar.

B.Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasy çagalar edebiýatynyň baý hazynasyna eýedir, olaryň hatarynda kitaplar, žurnallar, gazetler, ses ýazgyly materiallar, türkmen, rus, şeýle hem beýleki dillerdäki neşirler bar. Her ýyl kitaphananyň üsti täze neşirler bilen ýetirilip durulýar.

Bagtyýar çagalaryň ýüzündäki şatlyk hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän, ýurdumyzyň ýaşajyk raýatlarynyň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmeklerine, saglygyna hem-de abadançylygyna gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünliklere beslenýändiginiň anyk beýanydyr.

**Nabat MEZILOWA,**
*B.Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň bölüm müdiri.*

# Türkmeniň milli sungaty

Türkmenleriň durmuşy haly bilen baglanyşyklydyr. Onuň taryhy kökleri gadymyýete uzap gidýär. Haly gölleri ösüşiň uzak ýoluny geçmek bilen, halkyň ruhy özboluşlylygynyň we beýik baý taryhy-medeni mirasynyň çeper beýany bolmak bilen, häzirki zaman türkmen döwletinde milli taýdan jebisleşdiriji nyşanlaryň birine öwrüldi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň türkmen el halylarynyň gözelligini wasp edýän «Janly rowaýat» we «Arşyň nepisligi» atly eserleri türkmen milli halyçylyk sungatymyzyň gadymy däplerini dünýä derejesinde wagyz etmek işine uly goşant goşdy.



2019-njy ýylyň 12-nji dekabrynda Kolumbiýa Respublikasynyň paýtagty Bogota şäherinde geçirilen BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak baradaky hökümetara komitetiniň nobatdaky 14-nji mejlisiniň dowamynda Türkmenistanyň hödürlemegi boýunça türkmen milli halyçylyk sungaty ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek baradaky çözgüt komitetiň agza ýurtlary tarapyndan biragyzdan kabul edildi.

Häzirki döwürde halkymyzyň bütin dünýäde meşhur bolan halyçylyk sungatyny ösdürmäge, türkmen halylarynyň iň gadymy nusgalaryny aýawly saklamaga hem-de dikeltmäge, bu ajaýyp sungaty ylmy esasda hemmetaraplaýyn öwrenmäge aýratyn üns berilýär. Halyçylyk pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Täze çeper halyçylyk kärhanalary işe girizilýär. Türkmen halylarynyň täze nusgalary döredilýär.

Ýurdumyzda her ýylyň maý aýynyň soňky ýekşenbesi Türkmen halysynyň baýramy mynasybetli giň möçberli çärelere we dabaralara beslenýär.

**Aýgül SAPAROWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Türkmenistan – Azerbaýjan: gatnaşyklaryň baý tejribesi

Türkmen diplomatiýasynyň häzirki zaman ösüşi ýurdumyzyň halkara hyzmatdaşlygynyň köpugurly kuwwatyny doly derejede durmuşa geçirmäge, taryhyň dowamynda kemala gelen dostluk we doganlyk däplerine esaslanýan döwletara gatnaşyklary häzirki döwrüň ýagdaýlaryna laýyk gelýän täze sepgitlere çykarmaga gönükdirilendir. Aýdylanlardan ugur almak bilen, Türkmenistanyň Azerbaýjan Respublikasy bilen özara hyzmatdaşlygy babatda öňden gelýän döredijilikli we ynanyşmak häsiýetine eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyny bellemek zerurdyr.

Türkmenistan bilen Azerbaýjan Respublikasynyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar 1992-nji ýylyň 9-njy iýunynda ýola goýuldy. Ýurtlarymyz ikitaraplaýyn esasda bolşy ýaly, köptaraplaýyn esasda, şol sanda abraýly halkara guramalaryň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk edýärler. Söwda-ykdysady ulgamda özara gatnaşyklar işjeň ösdürilýär. Bu ulgamda iki ýurduň hem ägirt uly kuwwaty bar. Medeni-ynsanperwer ulgamda-da gatnaşyklar işjeňleşdirilýär.

Iki doganlyk ýurduň arasyndaky dostlugy pugtalandyrmakda parlamentara gatnaşyklara, söwda-ykdysady hyzmatdaşlyga aýratyn üns berilýär. Häzirki wagtda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek, ýaşlar syýasaty, zenanlaryň meseleleri boýunça özara gatnaşyklar hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarydyr. Türkmenistan we Azerbaýjan ulag-logistika, energetika, agrosenagat, dokma senagaty ýaly ugurlarda uly mümkinçiliklere eýedir. Ýurtlarymyzyň Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda ýerleşmegi giň gerimli halkara ulag geçelgelerini döretmäge mümkinçilik berýär. Häzirki döwürde halkara ähmiýetli örän iri ulag çatrygy hökmünde Hazar sebitiniň orny barha ýokarlanýar.



Energetika pudagynda hyzmatdaşlyk üçin hem iki ýurduň arasynda geljegi uly mümkinçilikler bar. Hazar deňzindäki «Dostluk» ýatagynyň uglewodorod serişdelerini bilelikde özleşdirmek üçin Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama 2021-nji ýylyň ýanwarynda gol çekilmegi möhüm waka boldy. Bu ýagdaý Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň Hazar deňzinde energetika babatda hyzmatdaşlyk etmeginde täze tapgyr bolup durýar.

Türkmenistan bilen Azerbaýjan diňe bir ikitaraplaýyn esasda däl, eýsem, köptaraplaýyn esasda hem hyzmatdaşlygyny ösdürýär. Bu babatda Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň üçtaraplaýyn görnüşde hyzmatdaşlyk etmegi ugrunda giň tagalla edildi. Türkmenistan, Azerbaýjan we Türkiýe halkara, sebit meselelerini parahatçylykly, syýasy ýollar bilen çözmegiň tarapdarydyr.

**Orazmuhammet KAKAGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Eksporty artdy, importy azaldy

Dünýäniň iň köp önüm öndürýän ýurdy bolan Hytaýyň eksporty artýar. Aprel aýyndaky eksport geçen ýylyň degişli döwründäkiden 8,1 göterim ýokarlanyp, import 0,2 göterim azalypdyr. Bilermenler eksportyň 1,9 göterim artmagyna, importyň 5,9 göterim peselmegine garaşýardylar. Mart aýynda eksport 12,4 göterim ýokarlanan bolsa, import 4,3 göterim azalypdyr. Hytaýyň eksporty Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna (ASEAN) we Ýewropa Bileleşigi döwletlerine artypdyr. Ýylyň birinji çärýeginde ýurduň eksporty 6,9 göterim ýokarlanypdyr, importy 6 göterim azalypdyr.



**Bägül GURBANLYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

# Aýdym-saz bäsleşigi geçirilýär

Şweýsariýanyň Basel şäherinde Ýewrowideniýe bäsleşigi geçirilýär. 13-nji maýdaky ilkinji ýarym finalda 15 ýurt çykyş edip, şolaryň 10-sy uly finala gatnaşmaga hukuk gazandy. Ýaryşa jemi 37 ýurt gatnaşyp, öten agşam geçirilen ikinji ýarym finalda ýene 10 ýurt finala çykmaga hukuk gazandy. «Uly bäşlik» diýlip atlandyrylýan Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Ispaniýa we Birleşen Patyşalyk bilen ýer eýesi Şweýsariýa finala gönüden-göni gatnaşýar. Uly final 17-nji maýda geçiriler.



**Öwliýaguly SÄHEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 16-sy, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116325

Belgisi: 20/1638
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Prezident Trampyň Ýakyn Gündogara sapary

Şu ýylyň ýanwar aýynda wezipesine girişen ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp ilkinji daşary ýurt saparyna Saud Arabystanyndan başlady. Prezident Tramp 13-nji maýda Er-Riýadda Saud Arabystanynyň Mirasdüşer Şazadasy Mohammed bin Salman



bilen duşuşdy. Bu ýerde geçirilen gepleşiklerde Mohammed bin Salman öňümizdäki dört ýylda ABŞ-da 600 milliard dollar maýa goýmagy wada berdi. Prezident Donald Tramp hem öz gezeginde bu mukdary 1 trillion dollara ýetirmek isleýändigini aýtdy. Döwlet maýa goýum gaznasy (PIF) – Saud Arabystanynyň özygtyýarly gaznasy ABŞ-da öň hem uly möçberde maýa goýdy.

Şeýle hem Prezident Tramp Er-Riýadda işewür ýolbaşçylar we beýleki hökümet işgärleri bilen birlikde Saud-ABŞ maýa goýum forumyna gatnaşdy. Bu forum durnukly ösüş, emeli aň we tehnologiýa, aerokosmos we goranyş senagaty, saglygy goraýyş ýaly birnäçe temany öz içine aldy. Forumda energetika ministri şazada Abdul-aziz bin Salman Al Saud, maýa goýum ministri Halid bin Abdul-aziz Al Saud we maliýe ministri Mohammed Al Jadan ýaly Saud Arabystanynyň birnäçe ministri çykyş etdiler.

ABŞ tarapyndan çykyş edenleriň arasynda degişlilikde, «Blackstone», «BlackRock», «Citigroup» we IBM-e ýolbaşçylyk edýän işewürler Stiwen Şwarsman, Lorens Fink, Jeýn Freýzer we Arwind Krişna dagy bar. Forumda «Alphabet» we «Google»-yň maýa goýum müdiri Rut Porat, Ak Tamyň emeli aň we kriptowalýuta meseleleri boýunça başlygy Deýwid Saks çykyş etdiler. Bu maslahata 2 müňden gowrak wekil gatnaşdy.

14-nji maýda Prezident Donald Tramp Pars aýlagy ýurtlarynyň liderleriniň sammitine gatnaşdy, soňra sapar bilen Katara bardy. Ol saparyny 15-nji maýda BAE-de tamamlady. Saparyň maksady Pars aýlagy ýurtlaryndan has köp maýa goýumlary çekmekden ybarat. BAE 10 ýylda ABŞ-a 1,4 milliard dollar maýa goýmagy wada berdi, Kataryň bolsa, ýakyn günlerde öz borçnamalaryny mälim etmegine garaşylýar.

# TÄZE RIM PAPASY SAÝLANDY

8-nji maýda Watikandaky Sikstin kapellasynyň turbasyndan ak tüsse goýberilip, täze Papanyň saýlanandygy habar berildi. Kardinallaryň konklawy maslahatyň ikinji gününde, ses berişligiň dördünji tapgyrynda amerikaly kardinal Robert Frensis Prewony Rim katolik buthanasynyň täze baştutany wezipesine saýladylar. Bu barada kardinal Domenik Mamberti Keramatly Pýotr soborynyň eýwanyndan mälim etdi. Kardinal meşhur latyn aňlatmasy bolan «Habemus papam» (Bizde



papa bar) diýen sözlemi ulandy. Täze Rim pontifigi şol bir wagtda Keramatly tagtyň hem-de döwlet-şäher Watikanyň ýolbaşçysy boldy.

Keramatly Pýotr tagtyna geçen ilkinji amerikaly Robert Frensis Prewo 267-nji Papa bolup, Lew XIV adyna eýe boldy. Konklaw 7-nji maýda başlanyp, 133 kardinal täze Papany saýlamak maksady bilen Sikstin kapellasyna jemlendi. Ozalky Rim Papasy Fransisk 21-nji aprelde uzaga çeken keselden soňra 88 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Ol 2013-nji ýylda saglygy sebäpli tagtdan ýüz öwren Benedikt XVI ýerine geçipdi. Saýlawlarda ýeňiş gazanmak üçin papa sesleriň azyndan üçden ikisini almaly. Taryhda iň uzak dowam eden konklaw XIII asyryň ikinji ýarymynda bolup, üç ýyla çekdi.

# Sosialistik partiýa öňde barýar

11-nji maýda Albaniýada geçirilen parlament saýlawlarynda Premýer-ministr Edi Ramanyň dolandyryjy Sosialistik partiýasy öňde barýar. Albaniýanyň Merkezi saýlaw komissiýasy tarapyndan mälim edilen maglumatlar muny subut edýär.



Häzirki hökümet Baştutanynyň partiýasy 53% goldaw alýar, öňki Prezident we öňki Premýer-ministr Sali Berişanyň Demokratik partiýasy sesleriň 34 göterimine eýe boldy. Galan partiýalar we hereketler heniz yzda, olaryň arasynda iň möhümi bolan Sosial-demokratik partiýasy we NISMA hereketi 4 göterimden hem az sese eýe boldular.

Albaniýanyň kanun çykaryjy mejlisindäki 140 orun üçin 53 partiýa we 3 koalisiýa dalaşgärlik edýär. Merkezi saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, 3,7 million alban raýatynyň ses bermäge hukugy bar. Saýlawlara gatnaşyk 41% boldy. Ses berişlige 19 ýurduň, şeýle hem Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) wekilleri gözegçilik etdi.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

► **Haýwanlaryň sesini terjime eder.** Hytaýyň «Baidu» kompaniýasy haýwan seslerini adam diline geçirip biljek tehnologiýany patentlemäge arza berdi. Bu tehnologiýa haýwanlaryň özüni alyp barşyny seljerýän neýroulgamy ulanyp, haýwanyň duýgusyny kesgitleýär we olaryň seslerini adamlara düşnükli dile öwürýär.




► **Ýangyn söndüriji robot it.** Hytaýyň «Unitree Robotics» kompaniýasy özüni sowadýan ulgam bilen enjamlaşdyrylan suw pürküji B2 robot itiň ýangyn söndüriji görnüşini hödürledi. Täze model ýurduň Sindao şäherinde synagdan geçirildi. Robot it sekuntda 40 litr suwy 60 metre çenli pürkmäge ukyplydyr.



► **Haýyr-sahawata bagyşlamakçy.** Amerikaly milliarder Bill Geýts öňdäki 20 ýylyň içinde ähli emlägini haýyr-sahawata bagyşlamakçydygyny habar berdi. «2045-nji ýyla çenli ähli serişdelerimi adamlaryň durmuşlaryny gowulandyrmak maksady bilen harçlamakçy» diýip, «Microsoft» kompaniýasynyň esaslandyryjysy aýtdy.




# Pulitser baýragynyň ýeňijileri

**Nýu-Ýorkuň Kolumb uniwersitetinde žurnalistika, edebiýat we saz ugrundan berilýän iň abraýly amerikan baýragy Pulitser baýragynyň 2025-nji ýyldaky ýeňijileri mälim edildi. Baýragyň eýeleri maý aýynyň başynda mälim edilýän hem bolsa, baýrak gowşurylyş dabarasy ýarym ýyl soň geçirilýär.**




Şu ýylky baýraklara Nýu-Ýorkdaky žurnalistiki barlaglar bilen meşgullanýan «ProPublica» täjirçilik däl guramasy hem-de «The Washington Post», «The New York Times», «The Wall Street Journal» ýaly gazetler mynasyp boldy. Şeýle hem «Reuters» agentligi we «The New Yorker» žurnaly baýrakly orunlara mynasyp boldular. Edebiýat nominasiýasynda iň gowy roman hökmünde amerikan ýazyjysy Persiwal Ewerettiň «Jeýms» romany baýraga mynasyp boldy.

Pulitser baýragynyň ýeňijileri Kolumbiýa uniwersitetiniň ýörite eminler topary tarapyndan kesgitlenýär. Iň abraýly baýrak her ýyl 20 ugur boýunça berilýär. Şu ýyl baýragyň eýeleri 109-njy gezek mälim edildi.

Pulitser baýragy 1917-nji ýylda esaslandyryldy. Edebiýat we saz ugrundan diňe ABŞ-nyň raýatlary, žurnalistika ugrundan bolsa, eserleri amerikan köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çap edilen beýleki ýurtlaryň wekilleri hem bäsleşip bilýärler. Bu baýrak amerikan žurnalisti, asly wengriýaly neşirýatçy Jozef Pulitser (1847-1911) tarapyndan esaslandyryldy. Ernest Hemingueý, Margaret Mitçell, Harper Li, Toni Morrison, Jon Apdaýk we Tennessi Wilýams ýaly amerikan nusgawy ýazyjylar y bu baýragyň ýeňijisi bolupdylar.

# GURLUŞYGYNA BADALGA BERILDI

Hytaýyň Týanszin şäherindäki 597 metrlik «Goldin Finans 117» binasynyň gurluşygyna 10 ýyllyk arakesmeden soň gaýtadan başlandy. Binanyň gurluşygyny 2027-nji ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär. Doly gurlup gutarylmadyk bina gazna bazarynyň çökmegi we jaý gurujynyň kynçylyklary bilen yza süýşürilipdi. Binanyň gurluşygyna 2008-nji ýylda başlanypdy. Taslamada edara otaglary, myhmanhana we syn ediş meýdançasy göz öňünde tutulan. Seýsmiki taýdan durnukly binanyň ýokarky bölegi howuzly romb şekilli atrium bilen bezelipdir. Hökümet binanyň gurluşygyna täzeden başlamaga ygtyýar berdi. Ygtyýarnamada şertnamanyň bahasy, takmynan, 569 million ýuan (72 million dollar) diýlip görkezilýär. Şeýle-de bolsa, binany ulanmak boýunça ilkibaşdaky meýilnamanyň amala aşyrylyp-aşyrylmajakdygy heniz belli däl.

Mundan başga-da, Hytaýda ýene bir möhüm taslama bolan 468 metr beýiklikdäki «Chengdu Greenland Tower» binasynyň gurluşygyna täzeden badalga berildi. Onuň gurluşygy



döwlet jaý gurujysynyň maliýe kynçylyklary sebäpli 2023-nji ýylda yza süýşürilipdi.

Beýik binalar we şäher ýaşaýyş gurşawy geňeşiniň maglumatlaryna görä, geçen ýyl dünýäde gurluşygy tamamlanan 200 metrlik we ondan hem beýik 133 binanyň 91-si Hytaýda ýerleşýär.

## TARYHDA ŞU GÜN

**Amerikan kino akademiýasynyň baýrak gowşurylyş dabarasy ilkinji gezek 1929-njy ýylyň 16-njy maýynda Golliwudyň Ruzwelt myhmanhanasynda geçirilýär. 15 minut dowam eden dabara 250 töweregi adam gatnaşýar. «Oskar» ady 1934-nji ýylda peýda bolup, 1939-njy ýyldan bäri resmi taýdan ulanylýar.**



## OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

**Ýylyň dowamynda Malide howanyň ortaça temperaturasy 28,3 derejede saklanýar.**

# DÜNÝÄNIŇ IŇ YSSY ÝURDY

**Bütindünýä Meteorologiýa Guramasynyň (WMO) maglumatlaryna görä, Kaliforniýadaky «Death Valley» jülgesi dünýäniň iň yssy ýeri hasaplanýar. Bu ýerde howanyň ortaça temperaturasy 50 derejeden ýokarydyr. Soňky ýyllarda howanyň maýlamagy bilen gyzgynlyk derejesi ýylyň-ýylyna rekord derejelere ýetýär. Dünýäniň iň yssy ýurtlary barada söz açylanda bolsa, Mali, Burkino Faso we Senagal ýaly ýurtlar öňdeligi eýeleýär. Afrika yklymynda ýerleşýän bu ýurtlarda tomus paslynda howanyň temperaturasy 45 derejeden hem geçýär.**

Afrikanyň günbatarynda ýerleşýän Mali Respublikasy howanyň gyzgynlyk derejesi boýunça öňdäki orny eýeleýär. Ýylyň dowamynda bu ýurtda howanyň ortaça temperaturasy 28,3 derejede saklanýar. Geçen ýylyň 4-nji aprelinde Maliniň birnäçe şäherinde, şol sanda Kaýes şäherinde 48,5 derejä çenli gyzgynlyk hasaba alyndy. Malide az mukdarda ýagyn ýagýar. Oktýabr aýyndan aprel aýyna çenli aralykda häli-şindi ýagyş ýagýandygyna garamazdan, tomus pasly aşa gyzgynlykda geçýär. Ýurduň esasy suw çeşmesi bolan Niger derýasyndan oba hojalyk ekinleri suwarylýar. Ýaz pasly ýurtda iň yssy möwsüm hasaplanylýar.



1 milliondan gowrak meýdany bolan Mali demirgazykda Alžir, gündogarda Niger, demirgazyk-günbatarda Mawritaniýa, günortada Burkino Faso, günbatarda Gwineýa we Senegal bilen serhetleşýär. Mali tutýan meýdany boýunça dünýäde 24-nji, Afrika yklymynda 8-nji orunda durýar. Ýurduň esasy bölegini Sahara çöli tutýandygy sebäpli, epgekli howa we tozanly ýeller köp bolýar. Ýurduň çäginde gum bilen örtülen tekiz düzlüklere duş gelmek bolýar. 23 milliondan gowrak ilaty bolan bu ýurduň paýtagty Bamako şäheri bolup, ýurduň ýaşaýjylary 13 dilde gepleşýär. Ilatyň esasy käri oba hojalyk işleri we magdançylyk bolup, ýurduň ykdysadyýetinde altyn, uran, hek daşy we duz öňdäki orny eýeleýär.

# KOREÝLERIŇ MILLI LYBASY



Her halkyň özüne mahsus medeniýeti, däp-dessurlary we edim-gylymlary bar. Bu aýratynlyklar şol halklara mahsus milli gymmatlyklary emele getirýär. Şeýle milli gymmatlyklaryň biri hem egin-eşikler bolup, dünýä halklarynyň köpüsiniň öz milli lybaslary bar. Mysal üçin, türkmen zenanlary ýüpekden dokalan keteni köýnegi, özbek zenanlary şaýy köýnekleri, hindi zenanlary bolsa, sarileri bilen köpçülige tanalýar. Milli lybaslary bilen tanalýan halklaryň arasynda koreýler hem bar. Koreý zenanlary müňlerçe ýyllyk medeni mirasyny dowam etdirip, häzir hem hanbok geýýärler. Hanbok häzirki zaman bezegleri bilen utgaşdyrylan koreýleriň milli lybasy bolup, toý-baýramlaryň aýrylmaz bölegi hasaplanýar.

Reňkleriň we nagyşlaryň dilinden söz açýan, özüne mahsus tikiliş aýratynlygy bolan hanbok miladydan ozalky 57-nji ýyldan gözbaş alýar. Şol döwürlerde



Koreýa ýarym adasynda 2 bölekden ybarat zenan köýnekleri tikilip başlanýar. Milli nusgada biçilýän bu köýnegiň ýokarky bölegi «jeogori» diýlip atlandyrylýar we sagdan çepe ýapylyp, goreum diýilýän lenta bilen daňylýar. Aşaky bölegi «çima» (uzyn etek) bolup, rahat hereket etmek üçin giň we büzülen görnüşde tikilýär. Hanbok köýneginde ulanylýan reňkler we nagyşlar şol zenanyň jemgyýetdäki ornuny, ýaşyny we maşgala ýagdaýyny görkezýär.

Koreýlerde hanbogy diňe zenanlar däl, eýsem, erkekler hem geýýär. Erkekleriň geýýän hanbogy hem 2 bölekden ybarat bolup, ýokarky bölegi edil zenanlaryňky ýaly «jeogori» diýlip atlandyrylýar we sagdan çepe ýapylýar. Aşaky bölek «baji» (jalbar) bolup, giňräk we köwşüň üstüni ýapmaz ýaly bogdakly görnüşde tikilýär. Käte koreý erkekleri uzyn ýektaý görnüşli, biline lenta daňylýan hanboklary hem geýýärler.

Hanbok diňe bir milli lybas bolman, eýsem, koreý medeniýetiniň we milli gymmatlyklarynyň hem beýanydyr. Çoson dinastiýasy döwründe (1392–1897ý.) hanbogyň bezegi, tikilişi we nagyşlary konfusiý gymmatlyklary bilen baýlaşdyrylyp, täze biçüwli nusga emele getirilipdir. Häzirki wagtda koreý zenanlary baýramçylyklara, toýlara we ýörite dabaralara hanbok geýip barýarlar. Soňky ýyllarda egin-eşik dizaýnerleri hanbogy her gün geýmäge oňaýly bolar ýaly görnüşde ýönekeýleşdirdiler. Koreýa Respublikasynyň hökümeti koreýleriň milli lybasyny ýaş nesilleriň arasynda wagyz etmek üçin 21-nji oktýabry Hanbok güni diýip yglan etdi. Hanbok ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilen milli gymmatlyklaryň biridir.

# Beýni üçin peýdaly güýmenje

**Hünärmenler yzygiderli maşk etmegiň we sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegiň beýni üçin peýdalydygyny belleýärler. Şeýle hem käbir oýunlaryň, gyzykly güýmenjeleriň hem beýnini işjeňleşdirmekde we ýatkeşligi ösdürmekde ähmiýetiniň uludygyny nygtaýarlar. Şeýle güýmenjeleriň biri hem krossword hasaplanýar.**



1913-nji ýylyň 21-nji dekabrynda žurnalist Artur Winn (1871-1945ý.) tarapyndan Nýu-Ýorkda «söz kesişmesi» (word-cross) ady bilen ilkinji krossword çap edilýär. Ilkibaşda geň görlendigine garamazdan, içine sözler ýerleşdirilýän, ak-gara öýjükli güýmenje köpçüligiň arasynda krossword ady bilen meşhur bolup başlaýar. Nýu-Ýorkdan gözbaş alan bu güýmenje wagtyň geçmegi bilen beýleki şäherlere hem ýaýraýar.

Sudoku, söz tapmak, skanword we krossword ýaly güýmenjeler beýnä «tälim beriji» oýunlar hasaplanýar. Wagtyňy gyzykly geçirmek üçin güýmenilýän iň esasy oýunlaryň biri, megerem, krossword bolsa gerek. Eliňe ruçkadyr galam alyp, çaý başyna geçip, krossword çözmegiň öz lezzeti bar. Öýjüklere jogaplar ýerleşdirilende beýni birnäçe amaly ýerine ýetirýär. Ilki bilen soraglar hakda pikirlenilip, beýnidäki maglumatlara gözleg ugradylýar. Beýni krosswordyň jogaplaryny tapmak üçin ýatda saklanan maglumatlary bir-birden gözden geçirýär. Şeýlelikde, öň okalan we ýatda saklanan maglumatlar gaýtadan ýadyňa düşýär hem-de dikeldilýär.

Krossword ýönekeý güýmenje ýaly bolup görünse-de, akyl taýdan sagdyn bolmak üçin peýdaly oýunlaryň biridir. 2022-nji ýylda geçirilen barlaglarda meýletinçiler 12 hepdäniň dowamynda çylşyrymlylygy taýdan dürli-dürli krossword çözmäge synanyşdylar. Netijede, ýatkeşligi pes ýa-da pikirlenmekde kynçylyk çekýän meýletinçileriň aň taýdan gowulaşandygy ýüze çykaryldy.

2024-nji ýylda geçirilen barlaglarda bolsa 9 müňden gowrak adamyň durmuş ýörelgesi gözden geçirildi. Boş wagty krossword, sudoku ýaly oýunlara güýmenýän adamlaryň pikirlenmek ukybynyň has güýçlüdigi, şeýle hem ýatkeşliginiň we söz baýlygynyň giňdigi ýüze çykaryldy.

Huşsuzlyk we aň-düşünjäniň peselmegi ýaly keselleriň öňüni almakda krossword çözmegiň peýdalydygy bellenilýär. Ak-gara öýjükli güýmenje bilen yzygiderli meşgullanýan adamlarda nerw bozulmalary, ýatkeşligiň peselmegi ýaly alamatlar seýrek duş gelýär. Ilkibaşda kyn we çylşyrymly krosswordy çözmäge synanyşmak beýnini ýadadýar we sussupeslige sebäp bolýar. Şol sebäpli hünärmenler krossword çözülende ilki aňsadyndan başlap, soňra ýuwaş-ýuwaşdan kynlaşdyrmagy maslahat berýärler.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

Muhammet Naji beg Abdallah «Al-Azhar» okuw mekdebiniň golaýynda ýaşaýardy. Uly mülke eýe bolan bu adamyň girdejileri batyrgaý arzuwlardan-da has ýokardady. Naji begiň aýlyk girdejisi ýüzlerçe müsür funtuna barabar bolup, durmuşda zeýrenere bahanasy ýokdy. Kyrk sekiz ýaşly bu adamyň saç-sakgalyna ýaňy ak giripdi. Egni gara penjekli, başy gyzyl tarbuşly begiň diňe başlangyç bilimi bolup, mekdebi gutarandygy baradaky şahadatnamasy hem ýokdy. Naji beg belli bir ýaşa baransoň, bilim almandygyna gaty gynandy, ýöne umytdan düşmän, bir zatlar öwrenmegi ýüregine düwdi. Ol nepagadaky professor Şeýh Mabruk al-Hizamiden sapak almaly diýen karara gelip, ep-esli töleg bilen ondan ylym-bilim öwrendi. Naji beg ylym-bilime yhlasly ýapyşsa-da, alan galasy bolmady. Ýöne bu ugurda edýän tagallalaryny bilýän dostlary «alym» diýip ýüzlenenlerinde, bu oňa ýaraman hem duranokdy.

Naji beg aýratyn-da gadymy syýahatlar baradaky kitaplary okamagy halaýardy. Ol munuň üçin ýokary okuw mekdebiniň golaýyndaky okalga gatnaýardy. Bu okalga ylmy ugurda şowsuzlyga uçran öňki talybyň eýeçiligindedi. Naji beg bu ýerde wagtyny gowy geçirýärdi. Köne, çygly jaýda ýerleşýän okalgadaky kese oturgyçlaryň üstüne köne haly parçalary oklanandy. Okalgada çeper kitaplar bilen birlikde, talyplara niýetlenen gollanmalar hem bardy.




Naji beg agraslyk bilen işikden ätläp, okalganyň eýesi şeýh Salam bilen saglyk-amanlyk soraşandan soň, hemişeki oturýan ýerine geçip:

– Hany, onda maňa bir çaşka kofe bilen bir bulgur sowuk suw äber – diýýärdi.

Bu gezek hem okalganyň hojaýyny hemişeki müşderisiniň haýyşyny ýerine ýetirmäge gyssandy. Naji beg indi bäş ýyl bäri islendik howada – tomsuň jokrama yssysynda-da, gyşyň aňzak sowugynda-da islegini üýtgetmeýärdi. Soň bolsa ardynjyrap, ikinji haýyşyny dile getirýärdi.

– Kitaplary-da getirsene, şeýh Salam!

Şeýh Salam onuň öňünde üç sany galyň kitap getirip goýdy: «Müň bir gije», «Ibn Battutanyň syýahaty» hem-de «Hindistanyň täsinlikleri». Bu kitaplary ürç edip okaýan Naji beg kofesini we suwuny owurtlap oturyşyna aram-aram:

– Täsin ýerler eken – diýip seslenýärdi.

Köp wagt geçmänkä Naji begiň dosty kätip Bistawisi hem işikden ätledi. Ol Naji begiň egnine kakyp, salamlaşdy-da, uzyn oturgyjyň bir künjüne geçip, täze çykan gazetlere güýmendi.

Naji beg kitapdan ýüzüni galdyryp, uludan dem aldy-da:

– Käşgä, bagtyma Hindi ummanynyň adalaryna, Hindistana, Eýrana baryp görmek maňa-da miýesser etse – diýdi.

– Be-e, jenap, syýahat edäýsem diýýäňizmi? – diýip, dosty başyny galdyrdy.

– Hawa, şeýh Bistawisi, ýöne ejem sebäpli saklanmaly bolýan-da. Ol indi garrady, ýarawsyz, bu ýagdaýda ony taşlap gidip biljek däl. Men irki arap jahankeşdeleriniň baryp gören täsin ýurtlaryna syýahat etmekçi bolýan.

– Nähili gowy pikir.

– Ol aýdýanyň dogry, ýöne men bu ýagdaýda ejemi goýup gidip bilemok-da.

Şeýdip, aý-günler geçip gitdi. Naji begiň durmuşynda şol birmeňzeş günler dowam edýärdi. Ol wagt tapsa şeýh Salamyň okalgasyna gatnap, kitap okaýardy, dosty bilen ondan-mundan gürrüň edýärdi. Günleriň bir güni Naji begiň ejesi segsen sekiz ýaşynyň içinde aradan çykdy. Indi ol kän öýden çykmaýardy, diňe käwagt ejesiniň aram tapan ýerine baryp doga edip gaýdýardy. Emma birnäçe wagtdan soň, adaty durmuşa gaýdyp gelip, ýene-de okalga gatnap başlady.

Ol öňki kitaplaryny, kofedir suwuny sargyt edensoň, şol bir oturýan ýerine geçip ornaşdy. Şeýh Salam okaýan eserlerini onuň öňüne süýşürensoň, Naji beg ýene-de Sindbad deňizçi baradaky hekaýatyň üstüne egildi. Şol wagt dosty Bistawisi hem gapydan girdi. Naji beg kitapdan kellesini galdyrdy-da, bir zat ýadyna düşen ýaly, ardynjyrap ynamly äheňde şeýle diýdi:

– Dostlarym, men size öz gelen gutarnykly kararym barada aýtmakçy, biz basym, biri-birimizden uzak wagtlap jyda düşeris. Sebäbi men syýahata ugramakçy.

Şeýh Salam:

– Jenap, siz syýahatyňyzy gaty çynyrgatmakçy öýdýän? – diýip, gülümsiredi.

Olaryň geň galmagy Naji begiň tekepbirligini has-da artdyrdy.

– Men, hakykatdan hem, Hindi ummanynyň adalaryna, Eýrana we Hindistana syýahat etmekçi.

– Jenap, bu gelen netijäňiz gutarnyklymy ýa-da ýöne bir arzuwmy? – diýip Bistawisi ýylgyrdy.

Ör-gökden gelen Naji beg ýerinden laňňa galdy-da, torbasyny dörüşdirip, ondan haýsydyr bir resminamany çykaryp, stoluň üstüne oklady:

– Ine, gardaşlar, ynanmasaňyz. Eýsem, bu daşary ýurda gitmek üçin niýetlenen pasport dälmi? Ertir men professor Mabruk al-Hizami bilen hoşlaşmakçy, birigün bolsa Suese ugraýaryn.

Şeýh Salam gaty gynanýan äheňde:

– Suesde uzak wagtlap eglenmekçimi? – diýip, sorady.

– Ýok, bir hepde töweregi, öňde boljak syýahatym bilen baglanyşykly iş bilen.

Kätip Bistawisi uludan dem aldy-da:

– Gardaş, bize senden aýra düşmek birbada ýeňil-ä düşmez. Saňa gaty öwrenişipdiris – diýdi.

Naji beg haýbat bilen döşüni gaýşartdy-da:

– Meniň syýahatym azyndan iki ýyl dagy dowam etse gerek – diýip, mys-mys güldi.

Ertesi gün Naji beg professor Şeýh Mabruk al-Hizami bilen hoşlaşmaga gitdi. Professor bilen onuň arasynda täsirli gürrüňdeşlik bolup, ol Naji bege syýahaty üçin zerur maslahatlary berdi.

Dört günden soň Bistawisi okalga gelende, Naji begiň hemişeki ýaly öňki ýerinde oturanyny görüp, gözlerine ynanman, allaniçiksi boldy. Begiň öňünde bolsa, hemişe okaýan kitaplary durdy. Aňk-taňk bolup, doňup galan Bistawisi:

– Gardaş, men-ä siz eýýäm Suesdesiňiz öýtdüm – diýdi.

Naji beg oňa müýnürgemän seretdide, mylaýymlyk bilen şeýle diýdi:

– Dogrusy, maşgala ýagdaýym sebäpli syýahaty iki hepde yza süýşürmeli boldum. Ýene-de iki hepdeden iňlis-gündogar gämi kompaniýasyna degişli «Aziýa» gämisi bilen ýola düşmekçi.

***

«Aziýa» gämisi 1920-nji ýylyň 14-nji maýynda Sues kanaly arkaly Hindistana tarap ugur aldy.

Üç aý geçdi... Şeýh Salamyň okalgasynda Naji beg hemişe bolşy ýaly, öz ýerinde oturyp, Sindbad deňizçi baradaky hekaýaty okaýardy. Ol wagtal-wagtal öz ýanyndan:

– Bä, täsin ýerler eken – diýip, başyny ýaýkaýardy.

Ýanynda oturan dosty Bistawisi hem onuň aýdanlaryny makullaýardy.

Birden Naji beg başyny galdyryp:

– Käşgä, men şol ýerlere baryp görsedim – diýdi.

– Aý-how, siz üç aý mundan ozal syýahata gitmekçidiňiz, ýöne ony özüňiz yza süýşürip gelýäňiz ahyryn – diýip, Bistawisi soragly nazaryny Naji bege dikdi.

Naji beg uludan demini alyp:

– Wah, owal başda ejem syrkaw boldy, men ony goýup gidip bilemokdym. Häzirki wagtda bolsa...

Ol köp gürläp ýadan ýaly dymdy. Biraz wagt geçensoň, hamala diýersiň, uzak zähmetden surnugan ýaly sakawlap şeýle diýdi:

– Şu mahal bolsa, meniň işim kän... Kärende töleglerini ýygnamaly... Işim köp, örän işim köp. Mülküme seretmesem, dargap barýar-a...

Ol biraz dymdy-da, sözüniň üstüni ýetirdi:

– Ýöne men iru-giç syýahata giderin. Hindi ummanynyň adalaryna, Eýrana, Hindistana hökman baryp görerin. Elbetde, özünde ummasyz täsin syrlary saklaýan näbelli ýerleri öwreneriň, bularyň hemmesini ýakyn wagtda amala aşyraryn...

*Rus dilinden terjime eden*
**Şadurdy SADYKOW,**
*Etrek etrabynyň Magtymguly adyndaky 4-nji orta mekdebiniň mugallymy.*

## Paýhaslar

☑ Kanagat erkinlikdir. Kanagatly adam özüni azat-erkin duýýandyr. Kanagatyny elinden aldyran adam öz nebsiniň guludyr.

☑ Iň gowy ybadat – adamlara gulluk etmekdir.

☑ Eger-de sen Hudaýy gözleýän bolsaň, Ony synan kalplardan gözle.

☑ Toprak ýaly boluň: taşlanarsyňyz, aýak astyna düşersiňiz, munuň ýerine gül we miwe berersiňiz.

☑ Hakyky baýlyk – kalbyň baýlygydyr.

☑ Iň uly uzaklyk – aňyňyz bilen ýüregiňiziň arasyndaky aralykdyr.

***Abu Seýit Abul Haýyr.***

☑ Daş-töweregiňizdäki durmuşy owadan ediň, goý, size gabatlaşan her bir adam munuň peşgeşdigini duýsun.

***Oşo, hindi ruhy lideri.***

☑ Özüňizde bar zatlara kanagat etseňiz, aňrybaş zatlaryň gözleginde bolmasaňyz, hakykatdanam, bagtly bolarsyňyz.

***Fridrih Nisse, nemes filosofy.***

☑ Her gün irden oýanyp, «Bu gün meňki ugruna boldy – men oýandym. Meniň gymmatly durmuşym bar, men ony boş ýere sarp etmeli däl» diýen pikirler bilen başlaň.

***Dalaý Lama, Tibetiň ruhy lideri.***

☑ Diňe bir haýyrly zat bar – bilim, diňe bir zyýanly zat bar – nadanlyk.

***Sokrat.***

☑ Betbagtlyk hakyky dostuňyzyň kimdigini görkezýär.

***Aristotel.***

☑ Gürläp bilmeýän adam durmuşda öz ornuny tapyp bilmez.

***Napoleon Bonapart.***

☑ Üstünlik ruhubelentligi elden bermän şowsuzlyklardan şowsuzlyklara uçrap gazanylýar.

***Winston Çerçill.***

☑ Barlygyny ykrar etseňiz, ähli meseleler aňsatlyk bilen çözülýär.

***Galileo Galileý.***

☑ Boýun almaga batyrlyk bar bolsa, ýalňyşlyklar hemişe bagyşlanyp bilner.

***Brýus Li.***

☑ Biz özümizi kim hasaplaýan bolsak şoldurys.

***Benjamin Natan Kardozo.***

☑ Iň esasy zat, hiç wagt özüňizi ýeterlik gowy däl diýip pikir etmezlikdir. Durmuşda adamlar size özüňize baha berşiňiz ýaly baha bererler.

***Entoni Trollop.***

☑ Diňe bilmek ýeterlik däl. Bilim ulanylmaly. Islemek hem ýeterlik däl. Hereket etmeli.

***Iogan Wolfgang fon Gýote.***



## 30-njy KROSSWORD

● **KESELIGINE:** **1.** Döwlet emlägi we onuň saklanýan jaýy, hazyna. **7.** Janly organizm ýörelgesinde döredilen awtomatik enjam. **9.** Türkmenistanyň halk ýazyjysy ... Aşyrow. **10.** Ujypsyz zat üçin öýke-kine edýän. **11.** Gadymy däpleriň biri. **15.** Okuw esbaby. **16.** Dermanlyk ösümlik. **17.** Umumy milli diliň bir sebitde, etrapda ýaşaýan ilat üçin häsiýetli gepleýiş aýratynlyklary. **18.** Marynyň köne ady. **19.** Käbir zadyň daş ýüzündäki örtük. **23.** Gaýgy-... **26.** Materik. **28.** Kesir, keçjal. **29.** Milli oýunlaryň biri. **30.** Bir zada goýlan nyrh. **31.** Mal bakylýan otluk ýer, meýdan. **35.** Adam bedeniniň şekiline meňzeýän bir zat. **36.** Adamzat jemgyýetiniň geçmiş hakykatyny we dürli ýagdaýyny öwrenýän ylym. **38.** ...-serpaý. **40.** Gyz ady. **42.** Asylyp guýulýan. **44.** Sitrus miwe. **46.** Gyz ady. **47.** Hindistanda zaratuştraçylyk dininiň tarapdary. **49.** Türkmen sährasy. **50.** Erkin, asuda. **54.** Söwdada ösen ýurtlaryň biri. **55.** Beden agzasy.

● **DIKLIGINE:** **2.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **3.** ...-namys. **4.** Ses bermek arkaly seçip alyş. **5.** Sahnada sazly-şahyrana keşpler janlandyrylan sazly drama eseri. **6.** Baglaýjy kömekçi. **7.** Nota. **8.** Uklap ýatmadyk. **9.** Çyra (köne söz). **12.** Doly açylmadyk gülüň gozasy. **13.** Açyk howada ýerine ýetirilýän beden hereketleri. **14.** Özbegistanyň Horezm welaýatynda ýerleşýän şäher. **20.** Okuw dersi. **21.** «Bir ... düşse adam serne,/Uky gaçyp, köňül urna» (Magtymguly Pyragy). **22.** Ortalyk. **24.** Nota. **25.** Türkmen milli tagamy. **26.** Gün ýaşyp, garaňky gatlyşan wagty. **27.** Oguz hanyň bir ogly. **32.** Ýyrtyjy jandar. **33.** Soltan, han. **34.** Gereginden artyk. **36.** Ýokary we ýörite orta bilim berýän okuw mekdebinde okaýan adam. **37.** Gözüň ýerleşýän ýeri, okarasy. **38.** Sorag çalyşmasy. **39.** Gamgyn. **41.** Arassa tohumdan bolan bir örküçli düýe. **43.** Minutyň altmyşdan bir bölegine deň bolan wagt birligi. **45.** Gadymy ulag. **48.** Ösümliklerden nektar toplaýan mör-möjek. **51.** Süýji bolmadyk. **52.** Ýeriň hemrasy. **53.** Suw (köne söz).

**Täşli TÄŞLIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



## 31-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Döwlet nyşany hökmünde kabul edilen dabaraly aýdym. **2.** Pul birligi. **3.** Gar, ýagyş görnüşinde ýagýan ýagyn. **4.** Birine ýa-da bir zada nebsiň agyryp, rehimiň gelip, ah çekmegi aňladýan söz. **5.** Müşk, anbar. **6.** Yz tarap. **8.** Piliň burny. **10.** «Sözlegen sözleri misli bal kimin, Ýaňagyndan ... alasyň geler» (Magtymguly Pyragy). **11.** Ruhuň göterilmek, ylham almak. **13.** Halk kyssasynyň gadymy nusgasy. **14.** «Ölinçä ... etme haýry-yhsanyň» (Magtymguly Pyragy). **16.** Parahat, arkaýyn. **17.** Hemişe gök öwsüp oturan agajyň bir görnüşi. **21.** Ekinleriň düýbüni ýumşadyp, haşal otlardan arassalaýyş işi. **23.** Mikroskop arkaly görüp bolýan bir öýjükli örän kiçi organizm. **24.** Edilen gabahat iş üçin ötünç sorama. **28.** Goluň göwrä baryp birleşýän ýerinden boýna çenli bolan aralyk, gerden. **29.** ...-taýpa. **30.** Geometrik şekil. **32.** Bedeniň daşky örtügi. **33.** Gurluşyk ulagy. **34.** Ümlük.

● **KESELIGINE:** **5.** Welaýatlaryň biri. **7.** Seýil edilýän bag, ýer. **9.** Wada, äht. **10.** Şol bir tekizlikde ýatan we biri-biri bilen hiç haçan kesişmeýän göni çyzyklaryň her haýsysy. **12.** Oglan ady. **15.** Kitabyň, depderiň we ş.m. kagyzlarynyň bir ýüzi. **17.** Seýil ediji, gezende (köne söz). **18.** Sportuň bir görnüşi. **19.** Umman döwleti. **20.** Gyz ady. **22.** Internetde ýerleşýän web-sahypanyň ýa-da elektron bukjasynyň ady. **25.** Gülküli, gyzykly oýun, şagalaňly waka. **26.** Şähdaçyk ýagdaý. **27.** Meýdan ölçeg birligi. **31.** Gündelik metbugatyň, gazetiň, žurnalyň jogapkär ýolbaşçysy. **35.** Italiýanyň paýtagty. **36.** Limona meňzeş tropik miwe. **37.** Birnäçe, biraz.

16-njy skanwordyň jogaby:



29-njy krosswordyň jogaby:



**Nepes GURBANOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwesitetiniň talyby.*




# «Arkadag» topary AFK-nyň Çagyryş Ligasynyň çempiony

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Oýnuň 82-nji minutynda Saret Krýa hasaby deňledi. Oýnuň esasy wagtynyň galan minutlarynda hasap üýtgemedi we ýeňijini goşmaça wagt kesgitlemeli boldy.

Goşmaça 30 minutyň ilkinji 15 minutynda skorborddaky sanlar şol durkunda galdy. 2-nji 15 minutyň 7-nji minuty dolanda, has takygy, 112-nji minutda toparymyzyň ýyldyz oýunçylaryndan Altymyrat Annadurdyýew tapawutlanyp, «Arkadag» toparyny 2–1 hasabynda öňe saýlady. Galan minutlarda-da goragy berk saklan «Arkadag» topary ilkinji gezek gatnaşýan bu halkara ýaryşynda kubogyň eýesi bolmagy başardy.

Duşuşykdan soň ýaryşyň iň ökde oýunçysy diýlip çempion toparyň başga bir ýyldyzy Şanazar Tirkişow saýlandy. Ýaryşyň dowamynda 5 gezek tapawutlanan Altymyrat Annadurdyýew bäsleşigiň şu möwsüminiň iň köp gol geçiren futbolçysy boldy.

«Arkadag» topary ilkinji gezek gatnaşýan bu ýaryşynda finala çenli 7 duşuşyk geçirip, şolaryň 5-sinde ýeňiş gazandy. Günbatar sebitinde «B» toparçada Kuweýtde geçirilen duşuşyklarda Gyrgyzystanyň «Abdyş-Ata Kant» toparyny 2–0, Maldiwleriň «Maziýa» toparyny 2–1 hasaplar bilen ýeňdi. Ýer eýeleri Kuweýtiň «Al-Arabi» toparyndan 3–2 hasabynda asgyn gelse-de, toparçada 1-nji orny eýelän ýurdumyzyň çempiony çärýek finalda Hindistanyň «Ist Bengal» topary bilen duşuşdy. Myhmançylykda 1–0, öz meýdançasynda-da 2–1 hasaplar bilen üstün çykan «Arkadag» topary ýarym finalda ýene-de «Al-Arabi» bilen güýç synanyşdy. 1-nji oýunda arap kluby 2-0 hasabynda ýeňiş gazansa-da, ýurdumyzda uly hasap bilen ýeňen «Arkadag» topary finala adyny ýazdyrdy. Arkadag şäherinde 3–0 hasabynda ýeňen «Arkadag» topary finalda oýnamaga hukuk gazandy.







# ÝEWROPA LIGASYNDA IŇLIS FINALY

**UEFA Ýewropa Ligasynda finala çykan toparlar belli bolup, UEFA-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşynda iki iňlis kluby çempionlyk duşuşygyna çykar. 1-nji oýunda finala çykmak üçin uly mümkinçilige eýe bolan «Mançester Ýunaýted» bilen «Tottenham» toparlary jogap duşuşygynda-da ýeňiş gazandylar.**

«Mançester Ýunaýted» öz meýdançasynda «Atletik Bilbaony» 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji oýunda 3–0 hasabynda asgyn gelen bilbaolylar «Old Trafford»-da Ýauregizaryň uzak aralykdan geçiren owadan goly esasynda öňe saýlandy. Ýöne iňlis kluby oýnuň soňky 20 minutynda 4 gol geçirdi. 72-nji we 90+1-nji minutlarda Maunt, 80-nji minutda Kazemiro hem-de 85-nji minutda Hýoýlunn tapawutlandy. Şunlukda, «Mançester Ýunaýted» iki oýnuň netijesi boýunça 7–1 hasabynda üstün çykyp, bu ýaryşda 3-nji gezek finala adyny ýazdyrdy. Kubogy 2017-nji ýylda gazanan «Ýunaýted» 2021-nji ýylda finalda ýeňlipdi.

«Mançester Ýunaýted» finalda ýurtdaşy «Tottenham» bilen duşuşar. «Tottenham» ýarym finalyň jogap oýnunda Norwegiýada «Bude-Glimt» toparyndan 2–0 üstün çykdy. Gollary 63-nji we 69-njy minutlarda Dominik Solanke bilen Pedro Porro geçirdi. «Tottenham» topary umumy hasapda 5–1 üstün çykdy. Şunlukda, «Tottenham» topary 41 ýyldan soň UEFA-nyň 2-nji derejeli ýaryşynyň finalynda oýnar. Bu olaryň 4-nji finaly bolup, londonlylar 1972-nji we 1984-nji ýyllarda kubogy eýeledi. 1974-nji ýylda bolsa finalda ýeňildi.

«Tottenham» bilen «Mançester Ýunaýtediň» arasyndaky final duşuşygy 21-nji maýda, çarşenbe güni Ispaniýanyň Bilbao şäherindäki «San Mames» («Atletik Bilbao» toparynyň stadiony) stadionynda oýnalar. Aşgabat wagty bilen 00:00-da başlanjak oýna germaniýaly Feliks Zwaýer eminlik eder.

Şu möwsüm iki toparyň çempionatdaky duşuşyklarynda «Tottenham» 3–0 we 1–0 hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Iki topar jemi 204 gezek özara duşuşdylar. Şolarda «Ýunaýted» 95, «Tottenham» 57 gezek ýeňiş gazandy. Iki klub UEFA-nyň ýaryşlarynda mundan öň 2 gezek duşuşdylar. 1963/64 möwsüminde ozalky UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda 2-nji tapgyrda duşuşyp, Londondaky oýun 2–0, Mançesterdäki oýun hem 4–1 ýer eýeleriniň peýdasyna tamamlandy we «Ýunaýted» 2 oýnuň netijesi boýunça 4–3 hasabynda üstün çykdy.




Bu ýaryşyň çäginde 11-nji gezek bir ýurduň 2 topary finalda duşuşar. Iňlis klublary bolsa 3-nji gezek finalda özara güýç synanyşar. Mundan öň 1971/72 möwsüminde (bu ýaryşyň ilkinji geçirilişi) «Tottenham» bilen «Wulwerhempton» duşuşyp (2–1, 1–1), londonlylar ilkinji kubogy eýeläpdiler. Şeýle-de, 2018/19 möwsüminde Baku şäherinde Londonyň 2 wekili duşuşyp, «Çelsi» «Arsenaly» 4–1 hasabynda ýeňipdi.

# FINALDA «ÇELSI» BILEN «BETIS» DUŞUŞAR

**UEFA-nyň 3-nji derejeli klub ýaryşy Konferensiýa Ligasynyň finalynda garaşylyşy ýaly Angliýanyň «Çelsi» hem-de Ispaniýanyň «Betis» toparlary duşuşar.**

«Çelsi» ýarym finalyň jogap oýnunda Londonda Şwesiýanyň «Ýurgorden» toparyny Dewsburi-Holluň 38-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. 1-nji oýunda «Çelsi» 4–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.

«Çelsiniň» ýarym finaldaky garşydaşy «Betis» bolup, ol myhmançylykda soňky 2 ýylyň finalçysy «Fiorentina» bilen goşmaça wagtda 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. Italiýadaky oýunda «Betis» kluby 30-njy minutda ýyldyz oýunçysy Antoniniň goly bilen öňe saýlandy. Ýöne dessine özüni dürsän «Fiorentina» Gosensiň 32-nji hem-de 42-nji minutlardaky gollary bilen 2 oýnuň netijesi boýunça hasaby deňledi. Duşuşygyň esasy wagty 1-nji oýundaky ýaly 2–1 hasabynda tamamlanyp, goşmaça wagtda, has takygy, 97-nji minutda Ezzalzuli 2 oýnuň netijesi boýunça «Betisi» öňe çykardy. Ezzalzuli edil Antoni ýaly 1-nji oýunda-da tapawutlanypdy. Şunlukda, 4–3 hasabynda üstün çykan «Betis»





taryhynda ilkinji gezek Ýewrokuboklarda finala çykdy. «Fiorentina» bolsa bassyr 3-nji gezek finala çykyp bilmän galdy.

«Betis» bilen «Çelsiniň» arasyndaky final duşuşygy 28-nji maýda çarşenbe güni Polşanyň Wroslaw şäherinde geçiriler.

# 51 ýyldan soň ýurduň kubogyny gazandy

Italiýanyň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Bolonýa» topary ýeňiş gazandy. Rimdäki Olimpiýa stadionynda oýnalan finalda «Bolonýa» güýçli garşydaşy «Milany» 1–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşygyň ýeke-täk goluny 53-nji minutda Dan Ndoýe geçirdi. Ol çempionatdaky 1-nji aýlawyň duşuşygynda-da toparyna ýeňiş getiren goly öz adyna ýazdyrypdy. Finaldan 5 gün öň çempionatyň çägindäki duşuşykda «Milan» öz meýdançasynda «Bolonýany» 3–1 hasabynda ýeňipdi.




Şunlukda, «Bolonýa» topary 51 ýyldan soň 3-nji gezek Italiýanyň Kubogyna mynasyp boldy. «Bolonýa» mundan öň 1970-nji we 1974-nji ýyllarda kubogy eýeläpdi. «Bolonýa» topary ýarym asyrdan gowrak wagtdan soň ilkinji uly kubogyny gazandy.

«Milan» bolsa 15-nji finalynda 10-njy gezek ýeňlişe sezewar boldy. Kubogy 5 gezek gazanan «Milan» soňky sapar 2003-nji ýylda, 22 ýyl öň bu ýaryşda ýeňiji bolupdy (1967, 1972, 1973, 1977, 2003). Soňky 3 finalda-da utulan «Milan» 5-nji kubogy üçin 26 ýyl garaşmaly bolupdy.

Italiýanyň Kubogyny iň köp «Ýuwentus» (15), «Roma» (9) hem-de «Inter» (9) toparlary gazandylar.

# «Galatasaraýyň» 19-njy kubogy

Türkiýäniň Kubogy ýaryşynyň finalynda «Galatasaraý» topary «Trabzonspordan» 3–0 hasabynda üstün çykdy. Gaziantep şäheriniň adybir stadionynda oýnalan duşuşygyň 5-nji minutynda Baryş Alper Ýylmazyň goly bilen stambullylar öňe saýlandy. 2-nji ýaryma-da gol bilen başlan «Galatasaraý» toparynyň ýyldyz hüjümçisi Wiktor Osimhen 46-njy we 63-nji minutlarda tapawutlandy. Nigeriýaly hüjümçiniň «Galatasaraýda» geçiren gollarynyň sany 35-e ýetip, ol Türkiýede bir möwsümde iň köp gol geçiren daşary ýurtly futbolçy rekordynyň täze eýesi boldy. Şeýlelikde, «Galatasaraý» 3-0 hasabynda ýeňiş gazanyp, 6 ýyldan soň 24-nji finalynda 19-njy gezek Türkiýäniň Kubogyny eýelemegi başardy.




9 gezek kubogyň eýesi «Trabzonspor» topary bassyr 2-nji, umumylykda-da 8-nji finalynda ýeňlişe sezewar boldy.

«Galatasaraý» «topary ýekşenbe güni öz meýdançasynda «Kaýserispordan» ýeňilmedik ýagdaýynda 25-nji çempionlygyny yglan eder.




## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*16-njy maý (anna)*
Aston Willa – Tottenham (23:30)
Çelsi – M. Ýunaýted (00:15)
*17-nji maý (şenbe)*
Orenburg – Krasnodar (16:00)
Leipsig – Ştutgart (18:30)
Borussiýa D – Holştaýn (18:30)
Fraýburg – Aýntraht (18:30)
**K. Palas – Man. Siti (final, 20:30)**
Braga – Benfika (22:00)
Sporting – Gimaraýnş (22:00)
Fiorentina – Bolonýa (23:45)
Jenoa – Atalanta (23:45)
**Inter – Lasio (23:45)**
Ýuwentus – Udineze (23:45)
**Parma – Napoli (23:45)**
Roma – Milan (23:45)
*18-nji maý (ýekşenbe)*
**Arsenal – Nýukasl (20:30)**
Rostow – Zenit (21:00)
Sewilýa – Real Madrid (22:00)
Barselona – Wilýarreal (22:00)
Atletiko – Betis (22:00)
*19-njy maý (duşenbe)*
SSKA – Lokomotiw (22:30)
Braýton – Liwerpul (00:00)

# 3-nji gezek 4 «El Klasikoda» ýeňildi

Ispaniýanyň çempionatynda 35-nji tapgyrda «El Klasiko» duşuşygy geçirilip, 4–3 hasabynda ýeňşini baýram eden «Barselona» topary çempionlyga bir ädim golaýlady. Çekeleşikli we hemişekiler ýaly dartgynly geçen oýunda «Real Madrid» Kilian Mbappeniň (5 p, 14) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik «Barselona» 1-nji ýarym tamamlanmanka garşydaşyna 4 gol bilen jogap berdi. 19-njy minutda Erik Garsiýa aratapawudy 1 gola düşüren bolsa, 32-nji minutda Ýamal hasaby deňledi. 34-nji we 45-nji minutlarda Rafinýa gol geçirip, «Barselonany» 4–2 hasabynda öňe saýlady. 2-nji ýaryma käbir oýunçy çalşygy bilen başlan «Real Madrid» toparynda Kilian Mbappe 70-nji minutda het-trigini tamamlasa-da, bu



«Real» üçin ýeňşe ýetmedi. Ol soňky 30 ýylda «La Liganyň» çäginde «El Klasikoda» het-trik eden ilkinji really futbolçy boldy. Ondan öň Iwan Zamorano «El Klasikoda» 3 gol salypdy.

«Barselona» topary şu möwsümdäki 4 «El Klasikoda» «Real Madridi» ýeňmegi başardy. Şeýle statistika «El Klasikolaryň» taryhynda 2008-nji we 2010-njy ýyllardan soň 3-nji gezek hasaba alynýar. Şol sanda Hansi Flik ispaniýaly Pep Guardioladan soň ilkinji 4 «El Klasikoda» ýeňiş gazanan 2-nji «barselonaly» tälimçi boldy.

Bu duşuşyk Ançelottiniň «Realyň» tälimçisi hökmünde geçiren 350-nji oýny hökmünde hasaba alyndy.

Öz meýdançasynda «Real Sosiedady» Aleksander Sörlotyň pokeri bilen 4–0 hasabynda ýeňen «Atletiko Madridiň» norwegiýaly hüjümçisi çempionatyň taryhynda 12 minutda 3 gol salan ilkinji futbolçy boldy.

# 8 ýyldan soň 21-nji çempionlyk

Şweýsariýanyň çempionatynda soňky tapgyrda «Serwett» bilen «Ýang Boýz» toparlarynyň arasyndaky oýnuň golsuz tamamlanmagyndan soň «Bazel» topary çempionlygyny yglan etdi. «Bazel» topary möwsümiň tamamlanmagyna



3 tapgyr galanda, 2-nji ýerdäki «Serwett» toparyndan 11 utuk öňe saýlandy. Bu olaryň 8 ýyldan soň gazanan ilkinji, umumylykda-da, 21-nji çempionlygydyr. Soňky 7 möwsümde «Ýang Boýz» 6, «Sürih» topary 1 gezek çempion bolupdy. Toparyň çempionlygyna klubuň ýyldyzy Herdan Şakiriniň uly goşandy boldy. 33 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy 35 duşuşykda 20 gol geçirip, 21 goluň pasyny berdi.

Şweýsariýada iň köp çempionlyk gazanan topar «Grasshopper» bolup, Sürih şäheriniň wekiliniň 27 çempionlygy bar.

* * *

Şeýle-de, Rumyniýanyň çempionaty «Liga I»-da çempion belli bolup, paýtagt Buharestiň FKSB (ozalky «Stýaua») topary bassyr 2-nji, umumylykda-da 28-nji çempionlygyny gazandy. Kiprde «Pafos», Ermenistanda «Noa» toparlary taryhlaryndaky ilkinji çempionlyklaryny gazandylar.

### LA LIGA (35) — 32 gol

**Las Palmas—R. Wallekano: 0–1** (A. Garsiýa 66), **Walensiýa—Hetafe: 3–0** (Pepelu 8 p, Diego Lopes 18, Duru 37 p), **Selta—Sewilýa: 3–2** (Moriba 19, Mingesa 65, Iglesias 90+1 — Gudel 45+8 p, Salas 90+8), **Žirona—Wilýarreal: 0–1** (Eýong 89), **Malýorka—Walýadolid: 2–1** (Maskarel 28, Darder 50 — Çuki 11), **Atletiko—R. Sosiedad: 4–0** (Serlot 7, 10, 11, 30), **Leganes—Espanýol: 3–2** (Sisse 33, Diomande 41, Kumbula 63 ö.d. — Kabrera 79, Miliýa 90+8), **Barselona—Real Madrid: 4–3** (Erik Garsiýa 19, Ýamal 32, Rafinýa 34, 45 — Mbappe p, 14, 70), **Atletik—Alawes: 1–0** (Sançes 71 ö.d.), **Betis—Osasuna: 1–1** (Kuço Hernandes 64 — Budimir 75)

### SERIE A (36) — 30 gol

**Milan—Bolonýa: 3–1** (Himenes 73, 90+3, Pulişiç 79 — Orsolini 49), **Komo—Kaliari: 3–1** (Kakre 40, Strefessa 45+2, Kutrone 78 — Adopo 22), **Lasio—Ýuwentus: 1–1** (Wesino 90+6 — Kolo Muani 51), **Empoli—Parma: 2–1** (Fazzini 11, Andžorin 86 — Džuriç 73), **Udineze—Monza: 1–2** (Lukka 75 — Kaprari 52, Balde 90), **Werona—Leççe: 1–1** (Koppola 41 — Krstowiç 24), **Torino—Inter: 0–2** (Zalewski 14, Aslani 50 p), **Napoli—Jenoa: 2–2** (Lukaku 15, Raspadori 64 — Meret 32 ö.d., Waskes 84), **Wenesiýa—Fiorentina: 2–1** (Kande 60, Oristanio 68 — Mandragora 77), **Atalanta—Roma: 2–1** (Lukman 9, Sulemana 76 — Kristante 32)

### PREMÝER LIGA (28) — 20 gol

**Orenburg—Himki: 1–1** (Karataş 52 – Rudenko 79), **Dinamo-Mahaçkala—Zenit: 0–1** (Nino 37), **SSKA—Krasnodar: 1–0** (Guarirapa 69), **Akron—Ahmat: 3–2** (Pestrýakow 17, Žakowas 45+4, Hubulow 85 — Talal 8, Melkadze 72), **Fakel—Lokomotiw: 0–1** (Worobýew 22), **Rubin—Rostow: 1–0** (Daku 90), **Dinamo—Spartak: 2–0** (Karraskal 7 p, Glebow 30), **Pari NN—Krylýa Sowetow: 5–2** (Grulew 10, Boselli 16, 44 p, 45+1, 76 p — Oleýnikow 45+4, Şitow 65)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 35 | 26 | 4 | 5 | 95-36 | 82 |
| 2 | REAL MADRID | 35 | 23 | 6 | 6 | 72-37 | 75 |
| 3 | ATLETIKO M | 35 | 20 | 10 | 5 | 60-27 | 70 |
| 4 | ATLETIK B | 35 | 17 | 13 | 5 | 51-26 | 64 |
| 5 | WILÝARREAL | 35 | 17 | 10 | 8 | 61-47 | 61 |
| 6 | BETIS | 35 | 16 | 10 | 9 | 53-43 | 58 |
| 7 | SELTA | 35 | 14 | 7 | 14 | 55-54 | 49 |
| 8 | MAÝORKA | 35 | 13 | 8 | 14 | 33-40 | 47 |
| 9 | R. WALLEKANO | 35 | 12 | 11 | 12 | 37-42 | 47 |
| 10 | WALENSIÝA | 35 | 11 | 12 | 12 | 43-51 | 45 |
| 11 | OSASUNA | 35 | 10 | 15 | 10 | 43-51 | 45 |
| 12 | R. SOSIEDAD | 35 | 12 | 7 | 16 | 32-41 | 43 |
| 13 | HETAFE | 35 | 10 | 9 | 16 | 31-34 | 39 |
| 14 | ESPANÝOL | 35 | 10 | 9 | 16 | 38-47 | 39 |
| 15 | ŽIRONA | 35 | 10 | 8 | 17 | 41-53 | 38 |
| 16 | SEWILÝA | 35 | 9 | 11 | 15 | 39-49 | 38 |
| 17 | ALAWES | 35 | 8 | 11 | 16 | 35-47 | 35 |
| 18 | LEGANES | 35 | 7 | 13 | 15 | 35-53 | 34 |
| 19 | LAS PALMAS | 35 | 8 | 8 | 19 | 40-57 | 32 |
| 20 | WALÝADOLID | 35 | 4 | 4 | 27 | 26-85 | 16 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 36 | 23 | 9 | 4 | 57-27 | 78 |
| 2 | INTER | 36 | 23 | 8 | 5 | 75-33 | 77 |
| 3 | ATALANTA | 36 | 21 | 8 | 7 | 73-32 | 71 |
| 4 | ÝUWENTUS | 36 | 16 | 16 | 4 | 53-33 | 64 |
| 5 | LASIO | 36 | 18 | 10 | 8 | 59-46 | 64 |
| 6 | ROMA | 36 | 18 | 9 | 9 | 51-34 | 63 |
| 7 | BOLONÝA | 36 | 16 | 14 | 6 | 54-41 | 62 |
| 8 | MILAN | 36 | 17 | 9 | 10 | 58-40 | 60 |
| 9 | FIORENTINA | 36 | 17 | 8 | 11 | 54-37 | 59 |
| 10 | KOMO | 36 | 13 | 9 | 14 | 48-49 | 48 |
| 11 | TORINO | 36 | 10 | 14 | 12 | 39-42 | 44 |
| 12 | UDINEZE | 36 | 12 | 8 | 16 | 39-51 | 44 |
| 13 | JENOA | 36 | 9 | 13 | 14 | 32-45 | 40 |
| 14 | KALIARI | 36 | 8 | 9 | 19 | 37-54 | 33 |
| 15 | WERONA | 36 | 9 | 6 | 21 | 31-64 | 33 |
| 16 | PARMA | 36 | 6 | 14 | 16 | 41-56 | 32 |
| 17 | WENESIÝA | 36 | 5 | 14 | 17 | 30-50 | 29 |
| 18 | LEÇÇE | 36 | 6 | 10 | 20 | 25-58 | 28 |
| 19 | EMPOLI | 36 | 5 | 13 | 18 | 29-56 | 28 |
| 20 | MONZA | 36 | 3 | 9 | 24 | 27-64 | 18 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KRASNODAR | 28 | 18 | 7 | 3 | 54-22 | 61 |
| 2 | ZENIT | 28 | 18 | 6 | 4 | 54-18 | 60 |
| 3 | SSKA | 28 | 16 | 7 | 5 | 43-19 | 55 |
| 4 | DINAMO | 28 | 15 | 8 | 5 | 59-31 | 53 |
| 5 | SPARTAK | 28 | 15 | 6 | 7 | 49-25 | 51 |
| 6 | LOKOMOTIW | 28 | 14 | 7 | 7 | 45-38 | 49 |
| 7 | RUBIN | 28 | 12 | 6 | 10 | 36-40 | 42 |
| 8 | ROSTOW | 28 | 10 | 8 | 10 | 40-41 | 38 |
| 9 | AKRON | 28 | 10 | 5 | 13 | 37-49 | 35 |
| 10 | K. SOWETOW | 28 | 8 | 6 | 14 | 35-48 | 30 |
| 11 | D. MAHAÇKALA | 28 | 6 | 9 | 13 | 25-33 | 27 |
| 12 | HIMKI | 28 | 5 | 11 | 12 | 32-49 | 26 |
| 13 | PARI NN | 28 | 7 | 5 | 16 | 26-51 | 26 |
| 14 | AHMAT | 28 | 4 | 12 | 12 | 26-44 | 24 |
| 15 | ORENBURG | 28 | 4 | 7 | 17 | 25-50 | 19 |
| 16 | FAKEL | 28 | 2 | 10 | 16 | 12-40 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 27 |
| 2 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 24 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 19 |
| 4 | RAFINÝA (Barselona) | 18 |
| 5 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 24 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 17 |
| 3 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 15 |
| 4 | Markus TURAM (Inter) | 14 |
| 5 | Lautaro MARTINES (Inter) | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Manfred UGALDE (Spartak) | 16 |
| 2 | Alekseý BATRAKOW (Lokomotiw) | 13 |
| 3 | Esekiel BARKO (Spartak) | 12 |
| 4 | Mirlind DAKU (Rubin) | 11 |
| 5 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 10 |

# Italiýada, Russiýada, Portugaliýada, Niderlandlarda çempionlyk ugrunda ýiti göreş

**Çempionlyk ýaryşy täzeden möwç aldy**

● Italiýanyň çempionatynda çempionlyk ýaryşy möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, täzeden möwç aldy. Sanawyň lideri «Napoli» toparyna öz meýdançasynda «Jenoany» ýeňmek başartmady. 2 gezek öňe saýlanan neapollylar çempionlyk ýolunda zerur bolan 2 utugy ýitirdiler. 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanan



oýunda «Napoliniň» gollaryny Lukaku bilen Raspadori, myhmanlaryň gollaryny bolsa Meret (ö.d.) hem-de Waskes geçirdi. Soňky çempion «Inter» myhmançylykda «Torinony» Zalewski (14) hem-de Aslaniniň (50 p) gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Şunlukda, «Napoli» bilen «Interiň» arasyndaky utuk aratapawudy 1-e düşdi. «Napoli» soňky 2 tapgyrda «Parma» (myhmançylykda) hem-de «Kaliari» bilen, «Inter» bolsa «Lasio» hem-de «Komo» (myhmançylykda) bilen duşuşar. Myhmançylykda «Lasio» bilen duşuşan «Ýuwentus» 60-njy minutdan soň 1 oýunçy kem oýnap, 90+6-njy minutda ýeňşi elden giderdi (Wesino 90+6 — Kolo Muani 51). «Milan» öz meýdançasynda «Bolonýany» kabul edip, garşydaşy Orsolininiň goly esasynda öňe geçendigine garamazdan, Himenes (2) hem-de Pulişiçiň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy.

**Şu ýylda ilkinji gezek utuldy**

● «Atalanta» topary öz meýdançasynda «Romany» kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda «Atalanta» rimlileri Ademolu Lukmanyň (9) hem-de Ibragim Sulemananyň (76) gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. Paýtagtlylardan Braýan Kristanteniň (32) goly ýeňşe ýetmedi. Şunlukda, «Atalanta» topary «Romanyň» 19 oýunlyk ýeňlişsiz seriýasyna soňky nokady goýdy. «Roma» 2025-nji ýyla geçip, şu oýna çenli «Serie A»-da ýeňilmän gelýärdi (19 duşuşyk). Bu ýeňişden soň «Atalanta» utugyny 71-e çykaryp, çempionaty 3-nji orunda tamamlamaga we täze möwsümde Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy (5-nji gezek).

**Aratapawut 1 utuga düşdi**

● Russiýanyň çempionatynda möwsümiň tamamlanmagyna 2 tapgyr galanda, «Krasnodar» bilen «Zenitiň» arasyndaky utuk aratapawudy 1-e düşdi. «Krasnodar» myhmançylykda SSKA-dan 1–0 hasabynda asgyn geldi. Ýeke-täk goly 69-njy minutda Guarirapa öz adyna ýazdyrdy. «Zenit» bolsa myhmançylykda «Dinamo-Mahaçkalany» Ninonyň 37-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Galan 2 tapgyrda «Krasnodar» ilki myhmançylykda «Orenburg» bilen, soňra öz meýdançasynda edil geçen möwsümdäki ýaly «Dinamo Moskwa» bilen duşuşar. «Zenit» bolsa galan 2 duşuşygyny «Rostow» hem-de «Ahmat» toparlary bilen geçirer. 5–2 hasabynda tamamlanan «Pari NN»—«Krylýa Sowetow» duşuşygynda ýer eýeleriniň urugwaýly hüjümçisi 2-si 11 metrlik jerime urgusyndan 4 gol geçirdi. Onuň geçiren 4 goly Russiýanyň çempionatynyň taryhyndaky 18-nji poker (1 oýunda 4 gol) hökmünde hasaba alyndy. Şu möwsümde 1994-nji ýyldan soň 2-nji gezek 2 futbolçy bir oýunda 4 gol saldy.

**Lissabonyň haýsy topary çempion bolar?**

● Portugaliýanyň çempionatynda belki-de möwsümiň iň esasy duşuşygynda ýeňiş gazanan bolmady. Utuklary deň bolan 1-2-nji orunlardaky «Sporting» bilen «Benfikanyň» arasyndaky duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Duşuşykda Trinkaonyň 4-nji minutdaky goly bilen öňe geçen «Sporting» toparyna ýer eýeleri «Benfika» Kerem Aktürkoglunyň 63-nji minutdaky goly esasynda jogap berdi. Şunlukda, çempion soňky tapgyrda belli bolar. Iki toparyň geçirden gollarynyň sany hem deň bolup (27), «Sporting» 86, «Benfika» 83 gol geçirdi. 34-nji tapgyrda «Sporting» öz meýdançasynda 5-nji ýerdäki «Gimaraýnşy» kabul etse, «Benfika» 4-nji orunda barýan hem-de 3-nji ýere geçmek üçin «Porto» bilen bäsleşýän «Braganyň» myhmany bolar. üçin 2 toparam ýeňiş gazanan ýagdaýynda «Benfikanyň» çempionlygy «Sportingiň» geçiren gollaryndan 4 gol köp geçirmeli bolar.

**PSW «Aýaksdan» öňe geçdi**

● Niderlandlaryň çempionatynda soňky 4 tapgyrda 2 utuk gazanan ýa-da 10 utuk ýitiren «Aýaks» möwsümiň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda, 2-nji orna düşdi. 29-njy tapgyry 2-nji ýerdäki PSW-den 9 utuk öňde tamamlan «Aýaksa» 32-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Neýmegenden» 3–0 utuldy. 33-nji tapgyrda bolsa myhmançylykda «Groningen» bilen geçiren duşuşygynda 2–1 öňde barýarka 90+9-njy minutda gol geçirdip, hem ýeňşi, hem-de liderligi, belki-de, çempionlygy hem elden giderdi. PSW 32-nji tapgyrda güýçli bäsdeşi «Feýenoordy» garşydaşynyň 2–0 öňe geçendigine garamazdan, 90+9-njy minutda gol geçirip, 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi (Perişiç 50, Lang 73, 90+9 — Paýşao 5, Rid 10). 33-nji tapgyrda bolsa PSW Tillmann hem-de Saýbariniň hersiniň 2 gol salan oýnunda «Heraklesden» 4–1 hasabynda üstün çykdy we «Aýaksdan» 1 utuk öňe saýlanyp, 1-nji orna beýgeldi. 34-nji tapgyrda PSW Rotterdamda «Sparta» bilen duşuşsa, agza-burna gelen çempionlygy elden gidermegiň bosagasyndaky «Aýaks» öz meýdançasynda «Twenteni» kabul eder.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Döwlet baýdagymyz halkymyzyň bitewi gymmatlygydyr. Ata-babalarymyzyň ynsanperwer wesýetleri, sarsmaz türkmen döwleti baradaky arzuwlary türkmenistanlylaryň kalbynyň owazy, ruhy-ahlak we akyl mekdebidir. Siziň iň ýokary döwlet wezipesinde alyp barýan işleriňiz ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny mundan beýläk-de berkitmäge, dünýä ýüzündäki abraýynyň artmagyna ýardam edýär we halkymyzyň ajaýyp geljeginiň hatyrasyna täze işler bilen dabaralanýar. Ýurdumyzyň Baş Kanuny bolsa türkmen jemgyýetiniň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitlemek bilen çäklenmän, eýsem, olary has-da pugtalandyrdy. Döwletimiziň mizemez hukuk binýady bolan Konstitusiýamyz halkymyzyň agzybirlik, demokratiýa, watançylyk we adalatlylyk hakyndaky köpasyrlyk arzuwlaryny özünde jemleýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriňiziň mundan beýläk-de rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY»**
**ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «BALKAN» GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň köňül şatlygyna, eşretli döwranlaryň egsilmez ajaýyplyklaryna beslenip, uludan tutulýan toýdur-dabaralaryň şowhun-şatlygy bütin dünýä ýaň salýar. Döwletimiziň barha kuwwatlanmagy, halkymyzyň bolelinlikde, abadan ýaşamagy üçin çekýän ýadawsyz zähmetleriňiz bilen ýurdumyzda alnyp barylýan dünýä derejeli işleriň has-da rowaçlanjakdygy biziň kalplarymyzda çäksiz buýsanç hem guwanç döredýär.

Siziň alyp barýan işleriňiz ýurdumyzyň dünýä ýüzündäki abraýynyň artmagyna ýardam edýär we halkymyzyň ajaýyp geljeginiň hatyrasyna täze işler bilen dabaralanýar. Ýurdumyzyň Baş Kanuny bolsa türkmen jemgyýetiniň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitlemek bilen çäklenmän, eýsem, olary has-da pugtalandyrdy. Döwletimiziň mizemez hukuk binýady bolan Konstitusiýamyz halkymyzyň agzybirlik, demokratiýa, watançylyk we adalatlylyk hakyndaky köpasyrlyk arzuwlaryny özünde jemleýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriňiziň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BALKAN» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody»**
**AGPJ-niň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlamak we Size iň gowy arzuwlarymyzy beýan etmek isleýäris. Şu baýramçylygyň agzybirlikde bellenmegi halkymyzyň jebisligini görkezip, ýurdumyzyň mundan beýläk-de ösjekdigine, abraýynyň dünýä ýüzünde berkejekdigine uly ynam döredýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, jogapkärli wezipäňizde uly üstünlikler, Türkmenistana gülläp ösüş, halkymyza bolsa bagt we abadançylyk arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Umumymilli baýramçylyk ▯ Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli Sizi tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys! Bu sene Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň kabul edilmeginiň senesini we Döwlet baýdagynyň gününi özüne birleşdirýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Häzirki wagtda ata-babalarymyzyň berkarar döwlet, watansöýüjilik, ynsanperwerlik, dost-doganlyk, agzybirlik, mertlik, batyrlyk, gaýduwsyzlyk ýaly ýörelgeleri örän parasatlylyk bilen dowam etdirilýär. Şeýle asylly ýörelgeleriň dowam etdirilýändigi üçin ähli halkymyz bilen bilelikde Size alkyş aýdýarys!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň**
**«TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Watandaşlarymyzyň bu şanly senä bolan garaýşy aýratyndyr. Bu sene halkymyzy has-da jebisleşdirip, watançylyk duýgusyny artdyrýar, döredijilik ylhamyny joşdurýar. Bu baýramçylyga goýulýan belent sarpa ata-babalarymyzyň asuda toprakda erkin ýaşamak we zähmet çekmek barada arzuwlan bagtyna eýe bolan türkmenistanlylaryň Garaşsyz Watanymyza buýsanç duýgularyny artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

## nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden we mähirli gutlaýarys!

Watanymyzyň mukaddes nyşanlary türkmen halkynyň agzybirligini, buýsanjyny hem-de mertebesini alamatlandyrýan mukaddes gymmatlyklardyr.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň il-ýurt bähbitli alyp barýan işleriňiziň hemişe rowaçlyklara beslenmegini, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HUAWEI

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan Türkmenistanyň Prezidenti,**

«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» kompaniýasynyň işgärleriniň adyndan Sizi giňden bellenýän Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Konstitusiýa — Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Esasy Kanuny we berk binýadydyr. Konstitusiýa ýokary depginler bilen gülläp ösýän, kuwwatly we berkarar döwletiň beýik gazananlarynyň sarsmaz hukuk binýady bolup durýar.

Sizi ählihalk baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, abadançylyk we egsilmez bagt, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe at-owazasy dünýä dolýan Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**



**Многоуважаемый Президент Туркменистана,**

Коллектив компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» от всего сердца поздравляет Вас в честь Днём Конституции и Государственного флага Туркменистана!

Конституция — это Основной Закон, в котором закреплены незыблемые правовые основы Независимого, Нейтрального Туркменистана. Ее ключевые положения служат прочным законодательным фундаментом грандиозных успехов и достижений процветающей, экономически мощной страны.

Еще раз искренне поздравляем Вас со всенародным праздником. Желаем Вам крепкого здоровья, счастья и благоденствия, больших успехов в проводимой работе во имя дальнейшего процветания Туркменистана, неуклонно укрепляющей и приумножающей в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства свой авторитет на международной арене.

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD.» в Туркменистане.**

BOUYGUES TÜRKMEN

BUILDING FOR LIFE

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI JENAP SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanýan jenap Prezident!**

«Bouygues Turkmen» şereketiniň işgärleri Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny iň möhüm döwlet baýramçylyklary — Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýar!

Ýurtda çuňňur sarpa goýulýan bu dabaraly seneler, milli esaslaryň mizemezligini, Garaşsyzlyk, Bitaraplyk, parahatçylyk we döredijiligiň maksatlaryna wepalylygy alamatlandyrýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy, döwletiň esasy kanuny resminamasy hökmünde halkyň erk-islegini görkezýär, özygtyýarlylygy we syýasy durnuklylygy üpjün edýär. Ol jemgyýetiň we döwlet durmuşynyň ähli ugurlarynyň çalt ösmegi üçin berk binýat bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Döwlet baýdagy — milli buýsanjyň, abraýyň we jebisligiň mukaddes nyşanydyr. Baýdakda türkmen halkynyň taryhy, medeniýeti, ruhy gymmatlyklary we parahatçylyga, ösüşe we abadançylyga bolan islegleri beýan edilýär. Türkmenistan bu baýdagyň astynda, parahatçylygy söýýän, garaşsyz we depginli ösýän döwlet hökmünde abraýyny güýçlendirip, halkara arenasynda ajaýyp üstünlik gazandy.

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistan durnukly ykdysady ösüş, sosial sazlaşyk, ylmy-tehnologik ösüş we daşky gurşawyň abadançylygy ýolunda ynamly öňe barýar. Häzirki wagtda üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli infrastruktura we gurluşyk taslamalary raýatlaryň durmuş derejesini we geljekki nesilleriň abadançylygyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

**Bu möhüm günde, Size tüýs ýürekden berk jan saglyk, egsilmez güýç-kuwwat, abadançylyk hem-de Türkmenistanyň we onuň edermen halkynyň bähbidi üçin ähli başlangyçlaryňyzda täze üstünlikler arzuw edýäris!**

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BOUYGUES TURKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**



**Глубокоуважаемый Господин Президент!**

Коллектив компании «Буиг Туркмен» сердечно поздравляет Вас и весь народ Туркменистана с двумя важнейшими государственными праздниками — Днём Конституции и Государственного флага Туркменистана!

Эти торжественные даты, глубоко почитаемые в стране, символизируют незыблемость национальных основ, верность высоким идеалам независимости, нейтралитета, мира и созидания.

Конституция Туркменистана, как главный правовой документ государства, отражает волю народа, закрепляет суверенитет и политическую стабильность. Она служит прочной опорой для динамичного развития всех сфер жизни общества и государства.

Государственный флаг Туркменистана — это священный символ национальной гордости, чести и единства. В нём отражены история, культура, духовные ценности и стремление туркменского народа к миру, прогрессу и процветанию. Под этим флагом Туркменистан добился выдающихся успехов на международной арене, укрепив свой авторитет как миролюбивое, независимое и динамично развивающееся государство.

Под Вашим мудрым руководством страна уверенно продвигается по пути устойчивого экономического роста, социальной гармонии, научно-технического прогресса и экологического благополучия. Масштабные инфраструктурные и строительные проекты, успешно реализуемые сегодня, направлены на дальнейшее улучшение качества жизни граждан и благополучие будущих поколений.

**В этот знаменательный день примите от коллектива компании «Буиг Туркмен» самые тёплые и сердечные пожелания крепкого здоровья, мира, благополучия и новых успехов во всех начинаниях во благо Туркменистана и его доблестного народа!**

**С глубоким уважением и признательностью,**

**Руководство и коллектив компании «БУИГ ТУРКМЕН»**

ÇEPER GURLUŞYK

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýüregimizden gutlaýarys!

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň gününiň bellenip geçilmegi halkymyzyň agzybirliginiň hem-de jebisliginiň subutnamasydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasy diňe bir Garaşsyzlygymyzyň gazananlaryny berkitmän, eýsem, jemgyýetimizi mundan beýläk-de ösdürmegiň röwşen ýoludyr. Ýurdumyzyň her bir raýaty içeri we daşary syýasatda gazanylan durmuş-ykdysady üstünliklere guwanmaga haklydyr. Siz döwletde täze eýýamy alamatlandyrýan özgertmeleriň gözbaşyny ýurduň kanunçylyk ulgamyny kämilleşdirmekden başladyňyz.



**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden gutlaýarys! Siziň janyňyzyň sag, belent başyňyzyň aman, il-ýurt bähbitli işleriňiziň ileri bolmagyny arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с Днём Конституции и Государственного флага Туркменистана! Эта знаменательная дата олицетворяет единство и целостность нации, отражает её представление о демократическом, правовом и светском государстве, справедливом гражданском обществе.

Под Вашим мудрым руководством в новый исторический период были внесены изменения и дополнения в Конституцию Туркменистана, а создание Халк Маслахаты Туркменистана имеет историческое значение в укреплении фундамента стабильности и законодательно-правовых основ государства, в совершенствовании государственного управления. Данные конституционные реформы, направленные на совершенствование конституционного устройства страны, создание надёжных правовых основ для успешной реализации масштабных программ, укрепили международный авторитет страны как государства с развитой правовой и политической системой.



Основной Закон Туркменистана выступает прочной правовой основой социально-экономических реформ, осуществляемых под Вашим руководством, и направлен на процветание и развитие Туркменистане, обеспечение счастливой и благополучной жизни туркменского народа.

Народы Туркменистана и Китая объединены крепкими узами дружбы, которые в нынешний период развития обогащаются новым содержанием. Наши отношения основаны на общности культурно-духовных ценностей, схожести традиций и взаимопонимании. Установленный доверительный диалог на высшем уровне всегда способствует развитию взаимовыгодного партнёрства.

Ещё раз от всего сердца поздравляем с праздником! Желаем Вам крепкого здоровья и счастья, а дружественному туркменскому народу — дальнейшего прогресса и процветания.

**С глубоким уважением,**

**Ду ЮЙМИН, Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

# BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

Kompaniýanyň işgärleriniň adyndan Sizi we ähli türkmenistanlylary Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli gutlaýarys! Size halkyň röwşen geljegi we Türkmenistanyň halkara abraýynyň has hem ýokarlanmagy üçin alyp barýan işleriňizde üstünlik, Türkmenistanyň halkyna bolsa bagt we gülläp ösüş arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.» kompaniýasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

Компания поздравляет Вас и весь туркменский народ с праздником – Днём Конституции и Государственного флага Туркменистана! Желаем Президенту Туркменистана успешной работы в деле повышения благосостояния туркменского народа и укрепления авторитета Туркменистана на международной арене, а народу Туркменистана счастья и благополучия.

**С наилучшими пожеланиями,**

**Руководство и сотрудники компании «HYUNDAI ENGINEERING CO., LTD.».**



## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi agzybir, zähmetsöýer işgärlerimiziň adyndan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

Ýurdumyzyň senenamasynda şanly seneleriň biri bolan bu gün türkmenistanlylar üçin mukaddeslikleri – parahatçylygy, bagtyýarlygy we döredijiligi alamatlandyrýan umumymilli baýramçylyga öwrüldi.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Agzybir işgärlerimiz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Siziň parasatly baştutanlygyňyzda gazanylýan üstünlikleri mundan buýana-da berkidip, asuda, abadan ýurdumyzyň kuwwatly, gurply döwletleriň hataryna goşulmagy üçin yhlasly işleýärler.



**Hormatly Prezidentimiz!**

Şanly baýramçylyklar bilen Sizi ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden gutlaýarys! Il-halkyň eşretli durmuşda, bolçulykda, agzybirlikde we abadan durmuşda ýaşamagy üçin alyp barýan beýik işleriňizde Size üstünlikler arzuw edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň başda durmagyňyzda «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňiziň amala aşyrylýan döwründe jemgyýetçilik durmuşynyň esasy binýady bolan ýurduň Konstitusiýasy adamy jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly baýlygy hökmünde ykrar etdi. Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň Döwlet baýdagy ýurdumyzda ýetilýän belent sepgitleri hem-de ösüşleri, halkymyzyň mizemez agzybirligini, bitewüligini, umumadamzat gymmatlyklaryna hem-de parahatçylyk ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygyny alamatlandyrýan mukaddesliklerdir. Döwletlilikden we berkararlykdan, rowaçlykdan hem-de bitewülikden gözbaş alýan bu iki mukaddesligiň baýramy göwünleri joşa getirýär.



**Hormatly Prezidentimiz!**

Ýurdumyzyň özygtyýarlylygynyň we bitewüliginiň binýady bolan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we ösüşleriň nyşany bolup belentde parlaýan Döwlet baýdagymyzyň güni mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde Size berk jan saglyk we uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

Baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» Türkmenistandaky Resmi distribýutory**